# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – HÄZIRKI DÖWÜRDE ÝURDUMYZ TEBIGY GAZYŇ EKSPORT UGURLARYNY ARTDYRMAGA ULY ÄHMIÝET BERÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
24-nji oktýabr, 2025. Belgisi 43/1661



# TÜRKMEN-HINDI GATNAŞYKLARY PUGTALANÝAR

*22-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hindistan Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bandaru Wilsonbabuny kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.*

Diplomat duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallyk bildirip, giň gerimli özgertmeler ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistanda Hindistana wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Hindistan Respublikasynyň Prezidenti Draupadi Murmunyň we Premýer-ministri Narendra Modiniň hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Döwlet Baştutanymyz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň ýolbaşçylaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Hormatly Prezidentimiz Bandaru Wilsonbabuny ýokary diplomatik wezipä bellenmegi mynasybetli gutlap, oňa iki ýurduň arasyndaky köpugurly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilen işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Hindistan Respublikasy bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň we ýakyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berýär.

Häzirki wagtda ýurtlarymyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn gatnaşyklar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, energetika, ulag, bilim we medeni-ynsanperwer ulgamlarda üstünlikli ösdürilýär. Döwletara gatnaşyklar özara hormat goýmak we birek-birege goldaw bermek ýörelgelerine esaslanýar. Bu bolsa, öz gezeginde, ikitaraplaýyn derejede, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmek üçin berk binýat bolup hyzmat edýär.

Türkmen-hindi gatnaşyklarynyň gün tertibinde söwda-ykdysady we energetika ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyk aýratyn orun eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, özara ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, ilkinji nobatda, energetika we ulag pudaklarynda hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleriň bardygy bellenildi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyz Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan (TOPH) transmilli gaz geçirijisiniň we onuň bilen ugurdaş ulag geçelgeleriniň taslamalarynyň durmuşa geçirilmegini mundan beýläk-de işjeňleşdirmek ugrunda çykyş edýär. Bu geljegi uly taslamalar sebitde energiýa howpsuzlygyny üpjün eder we gatnaşyjy ýurtlaryň ykdysady ösüşine uly itergi berer.

Medeniýet, bilim we ylym ulgamlaryndaky hyzmatdaşlyk türkmen-hindi gatnaşyklarynyň möhüm bölegidir. Hormatly Prezidentimiz hindi dilini öwrenmäge gyzyklanma bildirýän ýaşlarymyzyň sanynyň barha artýandygyny, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň birinde hindi diliniň okadylýandygyny aýdyp, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginiň iki ýurduň halklaryny ýakynlaşdyrmaga we medeniýetleri özara baýlaşdyrmaga ýardam berýändigini nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda Hindistan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bandaru Wilsonbabu mähirli kabul edilendigi üçin ýene bir gezek hoşallyk bildirip, iki ýurduň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak ugrunda tagallalaryny gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

* * *

Şol gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Emirates National Oil Company (ENOC)» hem-de «Dragon Oil» kompaniýalarynyň başlygy Said Al Taýeri, şeýle hem «Dragon Oil» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji Abdulkarim Al Maazmini kabul etdi.

## Awaza syýasy Jarnamasy – durnukly ösüşiň binýady



**Awaza syýasy Jarnamasy durnukly ösüş ugrunda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň işini güýçlendirmek we halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen kabul edilen Karamamadyr. 2025-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda, BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 18-nji plenar mejlisinde bu Jarnama garalyp, biragyzdan kabul edildi. Bu resminama gün tertibiniň «Birleşen Milletler Guramasynyň ykdysady, durmuş we ýanaşyk ugurlardaky iri maslahatlarynyň we ýokary derejeli duşuşyklarynyň çözgütleriniň utgaşykly we toplumlaýyn durmuşa geçirilmegi hem-de olaryň netijeleri boýunça alnyp barylýan işler» atly 13-nji bendiniň çäklerinde we 57 döwletiň awtordaşlygynda kabul edildi.** 3

## Alabaý halkymyzyň milli buýsanjy



Halkymyzyň milli gymmatlyklarynyň biri hem türkmen alabaýydyr. Parasatly pederlerimiz türkmen alabaý itlerini idetmäge gaty ir döwürden başlapdyrlar. Türkmen alabaýy asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan halkymyzyň ahalteke bedewi, halysy, saryja goýny ýaly milli gymmatlyklary bilen bir hatarda durýar. Garagumuň eteklerinde ýaşan, çarwaçylyk bilen meşgullanan ata-babalarymyzyň ýaşaýyş-durmuşyny alabaý itsiz göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Türkmen ýazyjy-şahyrlarymyz öz eserlerinde türkmen alabaý itleriniň keşbini wepalylygyň, mertligiň, gaýratlylygyň, namysjaňlygyň ajaýyp nusgasy hökmünde suratlandyrýarlar. 3

## Birleşen Milletler Guramasynyň güni

Her ýylyň 24-nji oktýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň güni bellenilip geçilýär. Bu sene halkara guramanyň 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda resmi taýdan işe başlamagy bilen baglanyşyklydyr (aslynda, BMG-ni döretmek hakyndaky Düzgünnama 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda tassyklanylýar). 1947-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan resmi taýdan yglan edilen bu sene 1971-nji ýylda halkara baýramçylyk hökmünde ykrar edilýär. Bu baýramçylyk mynasybetli gurama agza ähli döwletlerden myhman hökmünde wekiliýetler çagyrylýar. Baýramçylygyň çäginde forumlar, pikir alyşmalar, bilimi ösdürmek bilen baglanyşykly okuw programmalary geçirilýär. Şeýle hem medeni ýarmarkalar, global meselelere we medeni däp-dessurlara düşünmäge itergi berýän çäreler guralýar. Çärelerde, esasan, ýaşlaryň orny uly bolup, ösüp gelýän ýaş nesiller çykyşlarynda öz garaýyşlaryny beýan edýärler.

Birleşen Milletler Guramasynyň gününiň bu ýylky esasy temasy «Geljegimizi bilelikde gurýarys» bolup, ýaşlar üçin «Parahatçylykly dünýä üçin hereket ediň!» şygary hem ulanylýar. Bu şygar ýaşlaryň dünýädäki parahatçylygy we hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşant goşmagyny alamatlandyrýar. 5

## Aşgabatda OGT 2025 halkara forumy geçirilýär

***22-24-nji oktýabrda Aşgabatda «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň guramagynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2025» atly XXX halkara maslahat we sergi geçirilýär. Utgaşykly görnüşde geçirilýän giň gerimli foruma dünýäniň onlarça ýurdundan wekiller gatnaşýarlar.***

Sergide ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, ýerli kärhanalaryň, dünýäniň öňdebaryjy nebitgaz kompaniýalarynyň diwarlyklary ýerleşdirildi.

CNPC, ERCIYAS, «Eni», «Baker Hughes», «Sumitomo Corporation», PETRONAS, «Yug-Neftegaz», PSS, «Ekohim», «Rosen Group», Abu-Dabiniň milli nebit kompaniýasy (ADNOC) we «Dragon Oil» ýaly daşary ýurt nebit-gaz kompaniýalary diwarlyklarynda tebigy gazy çykarmak hem-de ibermek üçin integrirlenen çözgütler, kompressor stansiýalary bilen baglanyşykly tehnologiýalar, nebitgaz pudagynda ulanylýan turbalaryň dürli görnüşleri, gazy gaýtadan işlemek üçin enjamlar, nebithimiýa senagaty üçin tehnologiýalar, şeýle hem gaýtadan işleýän desgalarda tehnologik prosesleri oňaýlaşdyrmak boýunça çözgütler, geofizika hem-de nebitgaz ýataklarynyň seýsmiki barlagy boýunça çözgütler, turba geçirijilere gözegçilik etmek we olary arassalamak boýunça tehnologiýalar, ýerasty we ýerüsti ulgamlaryň ýagdaýyna baha bermek boýunça çözgütler bilen tanyşdyrýar.

Sergide «Türkmen Gala», «Gujurly Inžener», «Garagum hazynasy», «Ýaşyl dünýä», «Nurly Tolkun», «Söwda gurluşyk maslahat», «Beýik Ýüpek ýoly», «Hazar logistika», «Asuda akym», «Nurly Deňiz Tumary» ýaly türkmen kompaniýalary hem nebitgaz, logistika we hyzmatlar pudaklarynda alyp barýan işleri bilen tanyşdyrýarlar.

Halkara forumyň birinji gününde «Energiýa. Innowasiýalar. Ösüş» şygary astynda geçýän halkara maslahat öz işine başlady.

«Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ählumumy energiýanyň geljegini şekillendirmek – innowasiýa, energetiki geçiş we strategik hyzmatdaşlyk» atly plenar mejlisde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, ENOC we «Dragon Oil» kompaniýalarynyň başlygy, Özbegistanyň energetika ministri, Azerbaýjanyň energetika ministriniň orunbasary, PETRONAS kompaniýasynyň ýerine ýetiriji wise-prezidenti, Halkara Gaz Bileleşiginiň prezidenti we beýlekiler çykyş etdiler.



Mejlisiň dowamynda daşky gurşawa kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaltmak, innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak hem-de umumy energetikada gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýyny artdyrmak bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Şunda ýangyç-energetika toplumynyň ösüşiniň uglerod yzyny peseltmek boýunça maksatnamalar bilen sazlaşykly utgaşmagyny üpjün edýän deňagramly çemeleşmäniň zerurdygy bellenildi.

Çykyşlarda tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistanyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde we energiýa serişdeleriniň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmakda eýeleýän orny aýratyn nygtaldy. Şeýle-de ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryň uly gorlaryna eýe bolmagynyň strategik meýilnamalaşdyryş we halkara hyzmatdaşlyk üçin berk binýady döredýändigini bellediler.

Mejlise gatnaşyjylaryň umumy pikirine görä, gaz geçiriji we gaýtadan işleýän infrastrukturany döwrebaplaşdyrmak, metan zyňyndylaryny azaltmak boýunça taslamalary durmuşa geçirmek, pudaga sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak ileri tutulýan wezipeleriň hataryndadyr.

«Türkmen tebigy gazynyň artýan orny: eksport ugurlarynyň giňeldilmegi we energetika geçişine itergi bermek» atly plenar mejlisde eksport we logistika mümkinçiliklerini artdyrmak meselelerine üns çekildi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda bu ugurda Gahryman Arkadagymyzyň dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen tagallalary esasynda başy başlanan TOPH taslamasy hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Milli Liderimiziň bu möhüm taslamanyň nobatdaky tapgyryna badalga bermek dabarasyndaky çykyşynda belleýşi ýaly, türkmen tebigy gazynyň çykarylýan möçberlerini artdyrmak hem-de ony daşarky bazarlara ygtybarly ibermek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. 2



## Medeni diplomatiýa – parahatçylyk ýörelgesi



**XXI asyrda halkara gatnaşyklarynda medeni gatnaşyklary ösdürmek düşünjesi aýratyn ähmiýete eýe boldy. Şeýle mümkinçilikleriň başynda bolsa medeni diplomatiýa bolup, ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmekde ynanyşmak, dostluk, özara düşünişmek üçin möhüm platforma bolup hyzmat edýär.**

**Türkmenistan hem bu ugra aýratyn ähmiýet berýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda alnyp barylýan daşary syýasat «açyk gapylar» we «parahatçylyk diplomatiýasy» ýörelgelerine esaslanýar. Şonuň üçin medeni diplomatiýanyň ösdürilmegi diňe bir halkara hyzmatdaşlygyň däl, eýsem, Türkmenistanyň dünýä derejesindäki abraýynyň ýokarlanmagynyň möhüm guralydyr.** 3

4

### BYD «asman otlusyny» işe girizdi



**Hytaýyň BYD kompaniýasy Braziliýanyň iň uly şäherleriniň biri bolan San-Pauluda 616 ýolagça niýetlenen «SkyRail» (Asman otlusy) atly otlyny işe girizdi.**

5

### Dünýäniň iň gür ilatly şäheri



**ABŞ-nyň iň köp ilatly şäheri bolan Nýu-Ýork dürli medeniýetleriň, maliýe amallarynyň we halkara hyzmatdaşlygyň merkezi hasaplanýar.**

6

### Täze kitap tanyşdyryldy



**Azerbaýjan Respublikasynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şahyryň goşgulary ýerleşdirilen «Aşyk bolmuşam» atly täze kitap azerbaýjan we türkmen dillerinde çap edildi.**

7

### 3 sürüji çempionlyk ugrunda ýiti göreşýär



**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 12-nji ýaryşy Merkezi Ýewropa Rallisinde «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy.**

# MILLI BINAGÄRLIK ÝÖRELGELERI BILEN HÄZIRKI ZAMANYŇ ÖSEN TEJRIBESI UTGAŞDYRYLÝAR




*21-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäheriniň çäklerinde gurulýan we gurulmagy teklip edilýän döwrebap desgalaryň şekil taslamalary hem-de ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri bilen tanyşdy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.*

### TÜRKMEN ARÇASYNYŇ NAHALLARY KÖPÇÜLIKLEÝIN EKILER

Gahryman Arkadagymyz, ilki bilen, täze şäherde ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçiriljek ýerine bardy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy her ýylda geçirilmegi asylly däbe öwrülen we ýurdumyzyň ekologik derejesiniň has-da sagdynlaşmagynda möhüm ähmiýeti bolan ählihalk bag ekmek dabarasyna işjeň gatnaşygyň üpjün edilmelidigine ünsi çekdi. Şunda bu künjegiň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän, yssy we sowuk howalara çydamly, elmydama ýaşyl öwüsýän bag nahallarynyň seçilip alynmagy möhüm talap hökmünde kesgitlenendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa täze şäheriň çäklerinde ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri barada aýdyp, ýurdumyzyň ussat bagbanlarynyň ösdürip ýetişdiren türkmen arçasynyň nahallarynyň şu gezekki bag ekmek möwsüminde köpçülikleýin ekilmegini teklip edýändikleri barada hasabat berdiler.

Alym Arkadagymyz ilkinji gezek Arkadag şäherinde ekilmegi teklip edilýän türkmen arçasynyň ählihalk bag ekmek dabarasynda oturdylmagyny makullap, bag nahallary ekilenden soňra, olara agrotehniki kadalara laýyk gelýän ideg işleriniň yzygiderli ýola goýulmagy babatda özüniň öwüt-nesihatlaryny we degerli maslahatlaryny berdi.

### DÖWREBAP DESGALARYŇ ŞEKIL TASLAMALARY GÖRKEZILDI

Soňra Gahryman Arkadagymyz ikinji tapgyryň gurluşygynyň batly depginde alnyp barylýan ýerine gelip, bu ýerde gurulmagy teklip edilýän döwrebap desgalaryň şekil taslamalary bilen tanyşdy. Görkezilen şekil taslamalarynyň hatarynda Arkadag şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň we awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş hem-de hasaba alyş gullugynyň binalarynyň, Arkadag şäherinde gurulýan muzeýiň içki bezeg işleriniň, onuň sergi bölümleriniň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary bar.

Milli Liderimiz görkezilýän şekil taslamalaryny synlap, olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Gahryman Arkadagymyz durmuş we önümçilik maksatly binalaryň ýanaşyk ýerleriniň ýokary derejede abadanlaşdyrylmagynyň möhüm talap bolup durýandygyna ünsi çekdi.

Halk Maslahatynyň Başlygy, aýratyn-da, Arkadag şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Polisiýanyň ýol gözegçiligi gullugynyň we awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny anyklaýyş hem-de hasaba alyş gullugynyň teklip edilýän binalarynyň şekil taslamalaryny synlady. Binalarda işleri sazlaşykly alyp barmak üçin ähli zerur şertler döredilmelidir we toplumyň ýokary derejede enjamlaşdyrylmagyna zerur üns berilmelidir. Munuň özi awtoulaglara edilýän hyzmatlaryň ýokary hilli bolmagyny üpjün eder.

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň muzeýiniň içki bezeg işlerini synlap, olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Muzeýiň enjamlaşdyrylyşy, onda ýola goýuljak hyzmatlar bu ýere gelýänlerde oňyn täsirleri galdyrmalydyr. Umuman, täze şäheriň çäklerinde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň ýokary hil derejesi üpjün edilmelidir we gurluşyklaryň bellenen möhletlerde tamamlanmagyna hemmetaraplaýyn ähmiýet berilmelidir.

### IŞ MASLAHATY GEÇIRILDI

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz bu ýerde Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowyň we Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowanyň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onuň dowamynda hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça durmuş maksatly, ýol-ulag düzümine degişli desgalarda we beýleki ugurlarda ulanylýan, halkara derejede ykrar edilen reňkleriň görnüşleri, olary ulanmagyň aýratynlyklary bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy halkara derejede ykrar edilen reňkleri synlap, olaryň degişli ugurlarda ulanylmagy teklip edilýän görnüşlerini seljermegiň ähmiýetlidigini belledi. Soňra reňkleriň saýlanyp alnan görnüşleri hormatly Prezidentimiziň garamagyna hödürlener. Olaryň Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan tassyklanmagy bilen, her ugra mahsus görnüşleri işjeň ulanylar.

Gahryman Arkadagymyz bu baradaky gürrüňi dowam edip, ýaşaýyş jaýlarynyň, binalaryň bezegleriniň, ýolýakalardaky germewleriň, yşyklandyryş ulgamyna degişli sütünleriň, saglygy goraýyş edaralarynyň hem-de harby we hukuk goraýjy edaralaryň binalarynyň hersiniň mahsus reňkler bilen bezelmelidigine ünsi çekdi. Şol bir wagtyň özünde, saýlanyp alnan reňkler ýagyş-ýagmyra, Gün şöhlesiniň täsirine çydamly bolmalydyr. Olaryň uzak möhletleýin kadalara laýyk gelmegi möhüm talap bolup durýar.

Iş maslahatynyň dowamynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazow häzirki döwürde täze şäheriň çäklerinde alnyp barylýan gurluşyk işleri, aýratyn-da, lukmançylyk klasteriniň binalarynyň gurluşygyndaky depginli işler barada hasabat berdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri täze şäheriň çäklerinde meýilleşdirilen gurluşyk işleriniň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň we desgalaryň gurluşyklarynyň öz wagtynda tamamlanmagynyň möhüm wezipe hökmünde kesgitlenendigini belledi.

### DOGANLYK OWGAN HALKYNA YNSANPERWER KÖMEGI BERLER

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz ýaňy-ýakynda Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygynyň nobatdaky tapgyryna badalga bermek üçin Owganystanda saparda bolan mahalynda owgan doganlarymyzyň – ýertitreme zerarly jaýsyz galan raýatlaryň hemaýata mätäçligi sebäpli haýyş bilen ýüzlenendiklerini belläp, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy D.Orazowa bu babatda teklipleriň taýýarlanylmalydygyny aýtdy. Milli Liderimiz teklipleri döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürläp, bu meselede Arkadagly Gahryman Serdarymyz bilen maslahatlaşyp, «Kyýamat güni goňşudan» diýlişi ýaly, owgan halkyna dostluk goluny uzatsak, hemaýatlarymyzy bersek maksadalaýyk bolar diýdi.

Gahryman Arkadagymyz şeýle edilse türkmen halkyna mahsus ynsanperwerlik ýörelgeleriniň we haýyrly işleriň goňşy halka goldaw bermekde öz beýanyny tapjakdygyna ünsi çekdi. Türkmen halky taryhyň dowamynda dünýä nusgalyk ýagşy dessurlary döredipdirler, olaryň häzirki döwürde dowam etmegi bolsa sogap işleriň dowamata atarylýandygyny görkezýär.

### BAG EKMEK DABARASYNA TAÝÝARLYK GÖRÜLÝÄR

Soňra Arkadag şäheriniň häkimi G.Mämmedowa häzirki döwürde ählihalk bag ekmek dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berip, bu çäräni ýokary derejede geçirmäge döredip berýän şertleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk bildirdi. Şeýle hem ol öňde boljak çäreleri guramaçylykly geçirmek ugrunda edilýän işler barada habar berdi.

Ählihalk bag ekmek dabarasy ýaly sogap işiň ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilmegi, oňa uludan-kiçä ähli ilatyň işjeň gatnaşmagy dabaranyň netijeli häsiýete eýe bolmagyny şertlendirer. Şol bir wagtyň özünde, bu künjegiň howa gurşawynyň ýakymly bolmagynda, ekologik ýagdaýynyň ýokary derejesiniň üpjün edilmeginde möhüm ähmiýeti bolan köpçülikleýin bag nahallarynyň ekilmegine hemmetaraplaýyn esasda çemeleşilmelidigini aýdyp, Gahryman Arkadagymyz bu babatda degişli ýolbaşçylara özüniň öwüt-nesihatlaryny berdi.

## Diwali festiwaly geçirildi

Hindistanda yşyklaryň baýramy hasaplanýan Diwali festiwaly geçirildi. Däp bolşy ýaly, Diwali her ýyl güýz paslynda bellenýär. Hindi medeniýetinde bu baýramçylyk ýagtylygyň garaňkylykdan, ýagşylygyň ýamanlykdan we hakykatyň ýalandan üstün çykmagyny alamatlandyrýar. Ýurtda giňden bellenilýän baýramçylyklaryň biri bolan Diwali güni adamlar öýlerini, dükanlaryny, ybadathanalary we beýleki ýerleri şemler we çyralar bilen bezeýärler. Myhmanlary garşy almak üçin bolsa, öýüň girelgesine reňkli tozgalar bilen gülüň nagşyny çekýärler. Şeýle hem toýundan ýasalan şemdanlarda şem ýakylýar. Bu baýramçylykda adamlar täze egin-eşikleri geýnip, dost-ýarlaryna we dogan-garyndaşlaryna sowgat berýärler.

Ýurduň Uttar-Prades ştatyndaky Aýodhýa şäherinde Sarda derýasynyň kenaryndaky dabaralarda bolsa, 2,6 milliondan gowrak şem ýakylyp, rekord goýuldy. Şeýlelikde, bu rekord geçen ýylky rekordy täzeläp, Ginnesiň rekordlar kitabynda hasaba alyndy.

**Jahan HAÝTEKOWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň mugallymy.*

## Iň gowy syýahatçylyk obalary

Bütindünýä Syýahatçylyk Guramasy şu ýyl bäşinji gezek dünýäniň iň gowy syýahatçylyk obalaryny saýlady. Bilermenler dünýäniň dürli ýerlerinden 270-den gowrak oba baha berip, 29 ýurtdan jemi 52 obany baýraga mynasyp görüpdirler. Şeýlelikde, sanawa girizilen obalaryň umumy sany 319-a ýetdi. Ilatly ýerlere baha berlende, milli mirasyň goralyp saklanmagy, tebigy baýlyklaryň kadaly ulanylmagy we syýahatçylygyň ýerli ösüşe goşandy ýaly ölçegler göz öňünde tutulypdyr. Baýraklar Hytaýyň Huçžou şäherinde geçirilen dabarada mälim edildi. Şeýle hem baýrak alan obalardan başga-da, 20 oba geljekde baýrak alan obalaryň hataryna goşulmagyna goldaw berilmegi üçin «Ýokarlandyrma maksatnamasyna» girizildi. Karlos-Pellegrini (Argentina), Sankt-Iogann-in-Tirol (Awstriýa), Hynalyg (Azerbaýjan), Krupa-na-Wrbasu (Bosniýa we Gersegowina), Antoniu-Pradu (Braziliýa), Ralko (Çili), Ažeke (Hytaý), Hardin (Kolumbiýa), Kaştelir-Labinsi (Horwatiýa) we Kalopanaýotis (Kipr) ilkinji onluga giripdir.

**Meňli ATAMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Iki gatly otly ulanylar

Angliýany Ýewropanyň gury ýer bölegi bilen birikdirýän La-Manş tunnelindäki otly gatnawyny amala aşyrýan «Eurostar» kompaniýasy 30 sany «Celestia» otlusyny sargyt etdi. «Eurostar» Angliýa bilen Ýewropanyň Pariž, Brýussel, Amsterdam we Köln ýaly iri şäherleriniň arasynda otly gatnawyny amala aşyrýar. Şertnama görä, Fransiýanyň «Alstom» kompaniýasy 2031-nji ýyla çenli dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän iki gatly otlulary üpjün eder. Bahasy 2 milliard ýewro bolan şertnamanyň çäklerinde goşmaça 20 otlynyň hem sargyt edilip bilinjekdigi aýdyldy. Häzirki wagtda «Eurostar» Germaniýanyň «Siemens» kompaniýasynyň 17 sany bir gatly otlularyndan peýdalanýar. Täze modelleriň häzirki otlulardan orun sanynyň 20% köpdügi mälim edildi. Şeýle hem bu otlularda welosipedler we arabalar üçin hem ýer bolar.

«Eurostar» geljek ýyllarda Ženewa we Frankfurt şäherlerine hem gatnawy ýola goýmagy meýilleşdirýär.

**Annageldi MYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Aşgabatda OGT 2025 halkara forumy geçirilýär

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan täze, halkara ähmiýetli gaz geçirijileri çekmek babatda alnyp barylýan işler hem munuň şeýledigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Çykyş edenleriň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň nebitgaz meseleleri boýunça geňeşçisi, «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy, «Socar» nebit kompaniýasynyň ýolbaşçysy, «Botaş» kompaniýasynyň Baş direktory, PETRONAS kompaniýasynyň wise-prezidenti, ADNOC kompaniýasynyň işewürligi ösdürmek boýunça direktory we beýlekiler bar.




Çykyşlarda bellenilişi ýaly, ýangyjyň has arassa görnüşlerine geçilýän döwürde tebigy gaz zyňyndysy has pes energiýa çeşmesi hökmünde uly ähmiýete eýe bolup durýar. Dünýäde gazyň iň uly gorlarynyň birine eýe bolan Türkmenistan ozal bar bolan, şeýle hem täze bazarlarda barha artýan islegi kanagatlandyrmaga ukyplydyr. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň tebigy gazyň eksport ugurlaryny giňeltmek, şol sanda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasyny we beýleki infrastruktura taslamalaryny durmuşa geçirmek, şeýle hem tebigy gazy Günorta Aziýa, Ýakyn Gündogara we Ýewropa ibermek babatda garaýyşlar beýan edildi.

«Energetiki geçiş üçin çig mal serişdeleri: maýa goýumlar üçin täze mümkinçilikler» atly mowzuklaýyn mejlisde maýa goýumlar we innowasiýalar arkaly Türkmenistanyň energetika we nebithimiýa pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Maýa goýumlary hem-de innowasiýalary çekmek ara alnyp maslahatlaşylan esasy meseleleriň biri boldy. Öňdebaryjy kompaniýalaryň wekilleri hem-de bilermenler Türkmenistanyň energetika we nebithimiýa pudaklaryny döwrebaplaşdyrmagyň mümkinçilikleri barada pikir alyşdylar. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyz ýokary tehnologiýaly önümleriň önümçiligini ösdürmäge uly üns berýär. Şunuň bilen baglylykda, mineral dökünleriň, polimerleriň we beýleki himiýa önümleriniň önümçiligi bilen baglanyşykly taslamalaryň ähmiýeti nygtaldy.

Şeýle hem mejlisiň dowamynda iň täze geologiýa maglumatlary we geljegi uly maýa goýum taslamalary tanyşdyryldy. Çykyş edenler bu taslamalaryň maýa goýumlary çekmek we tehnologik hyzmatdaşlyk üçin täze gözýetimleri açýandygyny bellediler. Bu başlangyçlar Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmak bilen bir hatarda, ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge hem-de Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmäge goşant goşar.




Maslahatyň dowamynda resmi däl söhbetdeşlikler hem geçirildi. Türkmenistanda işleýän öňdebaryjy halkara nebitgaz kompaniýalarynyň ýolbaşçylary dünýäniň strategik taýdan iň ähmiýetli energetika bazarlarynyň birinde iş alyp barmagyň mümkinçilikleri barada öz garaýyşlaryny beýan etdiler. Şeýle hem türkmen kompaniýalary bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak we taslamalary durmuşa geçirmek babatda tejribe alyşdylar.

Forum şu gün öz işini tamamlaýar.

## TOPH gaz geçirijisi: halkara bähbitli taslama

Golaýda Gahryman Arkadagymyz Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan (TOPH) gaz geçirijisi taslamasynyň wajyp tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan gurluşygynyň nobatdaky tapgyryna ak pata berdi.

Türkmenistanyň energetika strategiýasynyň esasy sütünlerinden biri bolan TOPH gaz geçiriji taslamasy diňe ykdysady däl, eýsem, syýasy we durmuş taýdan hem sebit üçin örän uly ähmiýete eýedir. Ägirt uly uglewodorod serişdelerine





eýe bolan döwlet hökmünde Türkmenistan, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmagyň ýollaryny diwersifikasiýa etmek syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirýär. TOPH bu strategiýanyň iň möhüm bölekleriniň biri hasaplanyp, taslama Merkezi we Günorta Aziýany birleşdirjek täze bir «Energetika Beýik ýüpek ýoly» köprüsi hökmünde garalýar.

**Türkmen bölegi:** Taslamanyň 214 kilometrlik Türkmenistanyň çägindäki bölegi ýerli gazçylar tarapyndan üstünlikli tamamlanyp, häzirki wagtda ulanyşa taýýardyr. Bu gaz geçirijiniň çig mal binýadynyň girewi «Galkynyş» gaz käni bolup durýar.

**Owgan bölegi (Serhetabat-Hyrat):** Taslamany durmuşa geçirmegiň iň möhüm tapgyrlarynyň biri bolan 153 kilometr uzynlygyndaky Serhetabat-Hyrat böleginiň gurluşygyna ýokary derejeli gatnaşyklar we howpsuzlyk kepillikleri bilen başlandy. Owganystanyň çäginde 200-den gowrak täze, döwrebap tehnikalar ulanylyp, gurluşyk işleri güýçli depginde dowam edýär.

### TOPH TASLAMASY GATNAŞYJY ÝURTLAR WE SEBIT ÜÇIN GIŇ GERIMLI BÄHBITLERI HÖDÜRLEÝÄR:

- **Ykdysady howpsuzlyk:** Günorta Aziýa ýurtlarynyň artýan energiýa islegini kanagatlandyryp, sebitiň energetika howpsuzlygyny ep-esli pugtalandyrar.
- **Girdeji çeşmesi:** Owganystan üçin her ýyl ortaça 1 milliard amerikan dollaryndan gowrak möçberde möhüm üstaşyr girdejisini döreder.
- **Durmuş ösüşi:** Taslama, geçýän ugurlary boýunça müňlerçe täze iş orunlaryny döredip we ýerli infrastrukturalary (ýollar, köprüler) ösdürip, gatnaşyjy ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine gös-göni goşant goşar.
- **Daşky gurşaw we durnuklylyk:** Tebigy gazyň has arassa energiýa çeşmesi hökmünde ulanylmagy, sebitde parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmaga we ekologiýa durnuklylygyny goldamaga ýardam eder.
- **Sebit hyzmatdaşlygy we durnuklylyk:** Gaz geçiriji ykdysady bähbitleriň utgaşýan ýeri hökmünde, sebit döwletleriniň arasyndaky syýasy we ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürip, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmaga hyzmat eder.

Türkmenistan, halkara energetika howpsuzlygynyň gurluşyny berkitmäge gönükdirilen başlangyçlaryna laýyklykda, TOPH taslamasyny sebit we ählumumy ileri tutulýan ugur hasaplaýar. Ähli gatnaşyjy ýurtlaryň we halklaryň bähbitlerine laýyklykda, özara hormat we umumy bähbitler esasynda bu taslama üstünlikli dowam etdirilýär.

**Begenç ANNAGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Bitaraplyk – döwrüň parahatçylyk taglymaty

Dünýä bileleşigi tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyz umumadamzat gymmatlygydyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ýörelgeler bilen sazlaşýan türkmen Bitaraplygynyň ähmiýeti dünýä derejesinde ykrar edilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýunyň bellenip geçilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi üç gezek ykrar edilen ilkinji döwletdir. Halkara hukugynda bar bolan tapawutlandyrmalara laýyklykda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy – görnüşi boýunça hemişelikdigi, ýagny onuň harby döwürde hem, parahatçylykly döwürde hem hereket edýändigi, mazmuny boýunça oňynlygy bilen tapawutlanýar.

Häzirki wagtda dünýä halklary bilen bilelikde ata Watanymyzyň abraý-mertebesini täze belentliklere göteren hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk toýuna barýarys. Munuň özi dünýä halklarynyň arasyndaky dostlugyň, parahatçylygyň, ynanyşmagyň, asudalygyň toýy bolup, kalbymyzy belent buýsanja besleýär. Mundan bäş ýyldan gowrak wagt ozal esaslandyrylan Bitaraplygyň dostlary toparynyň maksady tutuş adamzat üçin wajyp bolan parahatçylygyň esasyny düzýän ýörelgeleri goramaga hem-de wagyz etmäge gönükdirilendir. Şu geçen döwürde ol pikirdeş ýurtlaryň



arasynda özara düşünişmegi we ynanyşmagy ösdürmek, alyş-çalyşlary, hyzmatdaşlygy, köptaraplaýynlyk tejribesini çuňlaşdyrmak babatda netijeli meýdança öwrüldi.

Şu günler hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli dünýäniň dürli döwletlerinde köp sanly çäreler, forumlar, maslahatlar geçirilýär. Golaýda Russiýanyň paýtagty Moskwa şäherinde, Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde, Hytaý Halk Respublikasynyň paýtagty Pekin şäherinde, Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde, şeýle hem Awstriýada we Wengriýada dürli çäreler guraldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy sebitiň hem-de dünýäniň umumy parahatçylykly ösüşinde möhüm orna eýedir. Bitaraplygyň türkmen nusgasy halkara jemgyýetçiligi, hususan-da Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilip, parahatçylykly ýaşamak, sebitde howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek üçin binýat bolup, ýurdumyza ygtybarly hyzmatdaş we dünýä prosesleriniň işjeň agzasy hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýän netijeli gurala öwrüldi. Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy.

Möhüm başlangyçlary öňe sürüp, halkymyzyň milli ýörelgelerini dünýä ýaýýan, belent münberlerde parahatçylyk wagyzlaryny beýan edýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan işleri rowaç bolsun!

**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## 16 müňe golaý dron bilen goýlan rekord

Hytaýda diňe bir kompýuter arkaly dolandyrylmak bilen 15 müň 947 dron bir wagtda howa göterilip, dürli şekilleri emele getirdiler. Şençžen şäherinde geçirilen dünýäniň iň uly dronly çykyşy tomaşa edenlerde uly täsir galdyrdy. Agşamky asmanda amala aşyrylan çyraly çykyşda iki ugurdan rekord goýlup, Ginnesiň rekordlar kitaby tarapyndan hasaba alyndy. Müňlerçe kiçijik uçýan enjam sazlaşykly hereketleri ýerine ýetirip, dürli şekilleri emele getirdi. Bir wagtda iň köp dronyň dolandyrylmagy güýçli tehnologiýa infrastrukturasyny talap edýär.



**Didar PÜRDEKOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Ýürek-damar hirurgiýasy okuwly gospital hirurgiýasy kafedrasynyň assistenti.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 24-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117375
Belgisi: 43/1661
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Alabaý halkymyzyň milli buýsanjy

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, alym Arkadagymyz «Türkmen alabaýy» atly eserinde şeýle belleýär: «Ata-babalarymyz bedewinde myradyny, milli seçgiçiligiň ajaýyp nusgasy bolan alabaýlarymyzda bolsa, bagtyny görüpdirler».

Alym Arkadagymyzyň «Türkmen alabaýy» atly kitabyny okanymyzda ata-babalarymyzyň eýesine wepaly alabaý itleri barada hemişe alada edip gelendigine, türkmen alabaýlarynyň halkymyzyň buýsanjyna we milli gymmatlygyna öwrülendigine çuňňur göz ýetirýäris.

Merdanalygy, wepalylygy, güýç-kuwwaty, ar-namyslylygy, hoşniýetliligi, sadalygy alamatlandyrýan türkmen alabaýynyň keşbi türkmen halkynyň düşünjesinde wepaly dosty bilen geçen uzak taryhy ýoluň dowamynda kemala geldi. Meşhur arheologlar tarapyndan tapylan gadymy şekiller hem muňa şaýatlyk edýär. Altyndepe we Goňurdepe ýaly meşhur ýadygärlikler toplumlarynda dürli ýyllarda alabaýlaryň gulagy, guýrugy kesilen terrakot şekilleri tapyldy. Gadymy Nusaýda tapylan parfiýa ritonlarynyň birinde uly itiň şekiline duşmak bolýar. Ak şäherimiz Aşgabadyň muzeýlerinde itleriň ýerli tohumynyň dürli asyrlarda we dürli senetçilik merkezlerinde döredilen beýleki heýkel şekilleri häzirki wagtda hem saklanýar. Daňdanakandan tapylan alabaý güjüginiň kiçijik faýans heýkeli üýtgeşik arheologik tapyndylaryň biridir. Ol şekil türkmen alabaýynyň aýratynlyklaryny inçelik bilen beýan edip, itleriň bu tohumynyň müňýyllyklaryň dowamynda saklanyp gelendigine doly şaýatlyk edýär.



Türkmen alabaýlarynyň tohumynyň arassalygyny, dünýä medeniýetiniň gaýtalanmajak bölegi hökmünde onuň ähmiýetini giňden wagyz etmek, türkmen döwletiniň itşynaslyk pudagyny has-da kämilleşdirmek, onuň halkara pudaklaýyn giňişlige işjeň goşulyşmagy boýunça amala aşyrylýan çäreler giň ählihalk goldawyna mynasyp bolýar. Halkara türkmen alabaý itleri assosiasiýasynyň döredilmegi bu ugurda edilen möhüm işleriň biridir. Paýtagtymyz Aşgabatda «Türkmen alabaýy» atly heýkel uzaklardan hem gözelligiň zynaty bolup görünýär. Munuň özi adamzadyň wepaly hemrasy bolan gaýduwsyz alabaý itlerine – halkymyzyň milli gymmatlygyna bolan belent sarpadan nyşandyr. Goý, milli gymmatlyklarymyza belent sarpa goýup, olary bütin dünýä ýaýmak üçin taryhy işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Bekgi ARSLANOW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň döwlet dolandyryş ugrunyň magistranty, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

# Gurluşyk we senagat toplumy – ykdysadyýetiň esasy pudaklary

Türkmenistanda gurluşyk we senagat pudagy ykdysady ösüşiň hereketlendiriji güýji bolup durýar. Ýurdumyzda her ýylyň 3-nji noýabrynda Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni uly buýsanç we şatlykşowhun bilen bellenilip geçilýär.

Bu sene Watanymyzyň abadançylygyny, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakda, täze şäherleri, kärhanalary we döwrebap infrastrukturalary döretmekde zähmet çekýän binagärleriň, gurluşykçylaryň, inženerleriň we zähmetkeşleriň güni hökmünde giňden bellenilýär.

Üstümizdäki ýylda bu hünär baýramçylygyna bagyşlanan köp sanly çäreler göz öňünde tutulýar. Bu hünär baýramçylygy mynasybetli «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergini we maslahaty geçirmek göz öňünde tutulýar. Şeýle hem bu senä gabatlanyp, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda kuwwatlylygy gije-gündizde 20 müň kub metr bolan agyz suw arassalaýjy desganyň, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryny, Türkmenbaşy etrabynda ýylda 1 million 155 müň tonna karbamid öndürýän toplumyň, Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy – Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak dabaralaryny geçirmek meýilleşdirilýär.



Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda müňlerçe täze bina, ýaşaýyş jaý toplumy, mekdep, saglyk öýi, medeniýet merkezleri, senagat zawodlary we ýol-ulag desgalary gurlup, halkymyzyň hyzmatyna berildi.

Aşgabat şäheri häzirki wagtda halkara derejesinde tanalýan paýtagta öwrüldi. Şäheriň keşbini özgerden «Ak şäherim Aşgabat» konsepsiýasy gurluşykçylarymyzyň döredijilik başarjaňlygynyň we döwrüň talaplaryna laýyk gelýän zähmetiniň miwesidir.

Senagat pudagy Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň durnuklylygynyň we eksport mümkinçilikleriniň esasy çeşmesidir. Bu ugurda gaz, nebit, himiýa, dokma, gurluşyk materiallary, energetika we maşyn gurluşygy ýaly köp sanly ulgam durnukly ösdürilýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda dünýä derejesindäki iri senagat taslamalary durmuşa geçirildi. Ahal welaýatynda gurlan gazdan benzin öndürýän zawod, Balkan welaýatyndaky polipropilen we polietilen öndürýän himiýa toplumlary, şeýle hem ýurdumyzyň dürli künjeklerinde döwrebap dökün önümçilik toplumlary ýurdumyzyň senagat kuwwatynyň dünýä derejesine çykandygyny görkezýär.

Türkmenistan häzirki wagtda diňe çig mal eksport edýän ýurt bolmakdan çykyp, gaýtadan işlenýän önümleri öndürýän döwlet derejesine ýetýär. Bu bolsa ykdysady garaşsyzlygyň we durnukly ösüşiň möhüm şertidir.

Gurluşyk we senagat toplumynyň işgäriniň güni döwlet derejesinde dabaralar, çäreler bilen bellenilýär. Bu sene diňe bir hünär baýramy bolman, eýsem, ýurdumyzyň ösüşine, halkymyzyň abadançylygyna goşant goşýan ähli işgärlere bolan hormat-sarpanyň nyşanydyr.

**Merdan ABADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Milli manat – ykdysadyýetiň hereketlendiriji güýji

Ýurdumyz döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji günlerinden başlap, bazar ykdysadyýetiniň özboluşly türkmen nusgasyny döretmek bilen, dünýäniň okgunly ösýän döwletleriniň hatarynda ornuny barha pugtalandyryp gelýär. Şol ýyllarda asyrlar aşyp gelýän milli däp-dessurlarymyzdan ugur alýan döwlet nyşanlarymyz döredildi. Şolaryň hatarynda bolsa, täze türkmen milli manady aýratyn ähmiýete eýedir.

Mälim bolşy ýaly, 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda türkmen milli manady dolanyşyga girizildi. Munuň özi Watanymyzyň ykdysady garaşsyzlygyny aňlatmak bilen, ýurdumyzyň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi hökmünde çykyş edýär. Häzirki wagtda manadyň durnuklylygyny, kadaly hereketini gazanmak, goraglylygyny üpjün etmek babatda yzygiderli işler durmuşa geçirilýär. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda türkmen manadynyň denominasiýasy geçirilip, milli puluň täze nusgasy dolanyşyga girizildi. Bu bolsa manadyň hümmetiniň has-da ýokarlanmagyna getirdi. Denominasiýa diýlende, ykdysadyýet ylmynda – bahalaryň ýagdaýynyň üýtgemegine we köne pul belgileriniň täze görnüşlerine çalşyrylmagy arkaly milli walýutany berkitmek üçin görülýän çärelere düşünilýär.

Türkmen manady milli ykdysadyýeti durnukly ösdürmekde we bank ulgamynyň işini pugtalandyrmakda uly orun eýeleýär. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň banklary tarapyndan girizilen kartly töleg ulgamy nagt däl hasaplaşyklary kämilleşdirmek boýunça netijeli işleri alyp barmaga, bank ulgamy üçin nagt pullary sanamak, daşamak ýaly işlerde ýörite amatlyklary döredýär. Bu bolsa ilat üçin hem örän ähmiýetli bolup, häzirki wagtda raýatlaryň zähmet haklary, kömek pullary, talyp haklary elektron töleg kartlary arkaly öz wagtynda talabalaýyk geçirilýär.

Häzirki wagtda bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşde söwda we hyzmat ediş nokatlarynda harytlary satyn almak, aragatnaşyk, jemagat we ýaşaýyş hyzmatlaryny tölemek, saglygy goraýyş edaralarynyň hyzmatlary,



awiapetekler üçin tölemek, karzy üzmek we onuň göterimlerini tölemek mümkinçilikleri döredildi. Söwda nokatlarynda we banklarda nagt puly sanamak üçin nagt däl hasaplaşyklar arkaly wagtyň tygşytlanmagy karz edaralarynyň we ykdysadyýetiň beýleki subýektleri üçin geçirilýän amallar bilen baglanyşykly çykdajylary peseltmäge oňaýly şertleri döredýär.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda halkara maýa goýum işjeňligini artdyrmak ugrunda netijeli işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan maýa goýumlary babatdaky halkara hyzmatdaşlygy ileri tutulyp ösdürilmek bilen, Türkmenistan bu babatda barha özüne çekiji döwlete öwrülýär. Döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk derejesi, durnukly durmuş-ykdysady ösüşi, milli walýutamyzyň hümmetiniň durnuklylygy, döwrebap ulag-aragatnaşyk ulgamynyň hereket etmegi, daşary ýurt maýa goýumlarynyň hukuk taýdan goraglylygy, maýadarlary höweslendirmek üçin döredilýän salgyt, gümrük boýunça ýeňillikler netijeli daşary ýurt maýa goýum syýasatynyň rowaçlanmagyna ähli zerur mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň halkara maliýe guramalarynyň işine işjeň gatnaşmagy, milli ykdysadyýetiň halkara hyzmatdaşlyk üçin açyklygy ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň oňyn häsiýete eýe bolýandygyny görkezýär. 2020-nji ýylda Bütindünýä Söwda Guramasynyň Baş geňeşinde bu abraýly gurama tarapyndan ýurdumyza synçy derejesiniň berilmegi bolsa ýurdumyzyň amala aşyrýan söwda diplomatiýasynyň dünýä bileleşiginiň ýokary bahasyna mynasyp bolýandygyny tassyklaýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgertmeler türkmen manadynyň durnukly ösüşe täsirini ýokarlandyrmaga, halkara hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmaga, döwletiň ykdysady kuwwatyny berkitmäge, raýatlaryň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmaga ähli amatlyklary döredýär. Goý, jebisligiň goýnunda bagtyýarlygyň eşretini görüp röwşen geljegi nazarlaýan türkmen halkynyň eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda uly işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Ogulnabat GULLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň işgärleri dolandyrmak ugrunyň magistri.*

# Medeni diplomatiýa – parahatçylyk ýörelgesi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şonuň netijesinde golaýda Türkmenistanyň medeni diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy hem-de şu Strategiýany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy.

Medeni diplomatiýa bir döwletiň öz milli medeniýetini, taryhyny, däp-dessurlaryny, dilini, sungatyny, ylym-bilim derejesini dünýä tanatmagyň we şol esasda beýleki ýurtlar bilen gatnaşyklary ösdürmegiň ýörelgesidir. Ol döwlet derejesinde amala aşyrylýan daşary gatnaşyklar ulgamynyň möhüm bölegi bolup durýar.

Ýakynda Gahryman Arkadagymyz Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň sammitinde türki döwletleriň arasyndaky gatnaşyklarda medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygyň aýratyn ornuna ünsi çekdi. Bu ugurda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk halklarymyzyň özboluşly milli aýratynlyklaryny we ruhy gymmatlyklaryny gorap saklamakda, kämilleşdirmekde, dünýä tanatmakda uly ähmiýete eýedir diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy we bilelikdäki medeni-köpçülik çärelerini guramak boýunça işleri güýçlendirmegi teklip etdi. Şunda, hususanda, Medeniýet günlerini, teatr çykyşlaryny, dürli sergileri, kino günlerini geçirmek boýunça uly we köp işleriň durmuşa geçirilýändigi bellenilip, ýurtlarymyzyň bu ugurda gazanan baý tejribesini dowam etdirmegiň maksadalaýyk boljakdygy bellenildi.

Mälim bolşy ýaly, 13-15-nji oktýabrda Baku we Genje şäherlerinde Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky Medeniýet günleri geçirildi. Medeniýet günlerinde «Arkadagdan arkaly türkmen milli mirasy» atly ýurdumyzyň muzeýleriniň gymmatly eksponatlary, halk amaly-haşam sungatynyň, milli geýimleriň, halyçylyk hem-de surat eserleriniň nusgalarynyň sergisi, Türkmenistanyň sungat ussatlarynyň baýramçylyk konserti, ýurdumyzyň medeniýeti, taryhy hem-de edebiýaty bilen bagly kitaplar, neşirler we ylmy işleriň toplumynyň sergisi, türkmen milli tagamlary, süýji-çörek önümleri hem-de aşhana däpleri görkezildi. Dabaraly çäre Türkmenistanyň we Azerbaýjanyň sungat ussatlarynyň bilelikdäki konserti bilen jemlendi.



Ýurdumyzda hem-de onuň çäginden daşarda milli mirasymyzy we döwletimiziň täze taryhy döwürde gazanan üstünliklerini wagyz etmäge bagyşlanan dürli çäreler guralýar. Özara medeni alyşmalaryň çäklerinde guralan ylmy maslahatlary, meşhur aýdymçylaryň we sazandalaryň döredijilik saparlaryny, sergileri, kino görkezilişleri, Medeniýet günlerini we beýleki bilelikdäki çäreleri muňa mysal hökmünde görkezmek bolar. Parahatçylyk, ynsanperwerlik, hoşniýetli goňşuçylyk ýaly mizemez gymmatlyklary özünde jemleýän bu çäreler dünýä medeniýetine ägirt uly goşant goşan dostlukly halklaryň taryhy-medeni we ruhy däpleriniň umumylygyna daýanýan döwletara gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna kuwwatly itergi berýär.

Türkmenistan üçin bu ugur milli medeni mirasy dünýä derejesinde goramak, wagyz etmek halkara gatnaşyklary syýasatyny we parahatçylyk ýörelgesini ösdürmek ýoludyr. Medeni diplomatiýanyň netijeli ösdürilmegi ýurduň halkara abraýyny ýokarlandyrýar, dünýä jemgyýetçiliginde ynam döredýär we türkmen halkynyň gadymy medeniýetiniň dowamlylygyny görkezýär.

**Enegül BEGLIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# Awaza syýasy Jarnamasy – durnukly ösüşiň binýady

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu Jarnama, durnukly ösüş we deňhukukly hyzmatdaşlyk ugrunda möhüm waka boldy. Mälim bolşy ýaly, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 4-8-nji awgusty aralygynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçirildi. Halkara foruma gatnaşmak maksady bilen, 104 döwletden, halkara guramalaryň 46-syndan wekiliýetler ýurdumyza sapar bilen geldi. Maslahatyň çäklerinde plenar mejlisleriň 6-sy, ýokary derejeli «tegelek stol» duşuşyklarynyň 5-si, ýokary derejedäki forumlaryň 7-si, ugurdaş çäreleriň 40-a golaýy geçirildi.

Şol möhüm maslahatyň jemleýji plenar mejlisinde Awaza syýasy Jarnamasy kabul edilip, bu resminama, şol maslahatyň netijelerine esaslanyp taýýarlanyldy.

Resminamada deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň ykdysady kuwwatyny berkitmekde we olaryň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagynda halkara raýdaşlygyň ähmiýeti nygtalýar, şeýle hem durnukly ulag ulgamynyň, sanly we energetika infrastrukturasynyň, söwdanyň we ekologiýanyň ösdürilmeginiň möhüm ähmiýeti bellenilýär.

**JARNAMANYŇ ESASY UGURLARY:**

☑ Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň (DÇBÖBD) ösdürilmegi, olaryň sebitde we dünýäde bäsleşik ukyplaryny artdyrmak we eksport-import mümkinçiliklerini giňeltmek.




☑ Halkara hyzmatdaşlyk, köptaraplaýyn dialog, raýat jemgyýeti, hususy pudak we halkara guramalary bilen bilelikde işlemek.

☑ Çig mal eksportyna aşa bagly bolman, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, sanly arabaglanyşygy işjeňleşdirmek, howanyň üýtgemegine durnuklylyk taýdan çözgütleri hödürlemek.

☑ Hereketleriň Awaza maksatnamasy (2024-2034) ugrunda ýörite çäreleri ilerletmek.

**RESMINAMADA ILERI SÜRLEN ÇÄRELER:**

☑ Ylmy-tehniki innowasiýalar arkaly ykdysadyýetleri döwrebaplaşdyrmak.

☑ Oba hojalygy we azyk howpsuzlygy ugurlarynda sebit ylmy-barlag merkezlerini döretmek.

☑ Sanly arabaglanyşygyň we logistik howpsuzlygyň mümkinçiliklerini artdyrmak.

☑ Maliýe serişdelere elýeterliligi we hususy pudagyň gatnaşygyny pugtalandyrmak.

Awaza syýasy Jarnamasy durnukly ösüş, deňhukukly hyzmatdaşlyk we halkara integrasiýasy ugurlarynda möhüm strategiýa resminamasydyr. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aýratyn şertlerine laýyk taýdan taýýarlanan bu ylalaşyk, käbir çylşyrymlylyklaryna garamazdan, dünýäniň hem ünsüni özüne çekýär. Türkmenistanyň bu başlangyjyň kabul edilmegine gatnaşmagy, öz halkara giňişligindäki roluny we hyzmatdaşlyga taýýarlygyny görkezýän pursat bolup durýar.

«Awaza syýasy Jarnamasy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bolsa, Türkmenistanyň ýokary halkara abraýynyň hem-de ählumumy derejesinde hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk ýörelgelerini ilerletmekde öňdebaryjy ornunyň nobatdaky tassyknamasy boldy.

**Nurana GURBANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Energetika pudagy we «ýaşyl» energiýa

Türkmenistan baý tebigy serişdeleri, aýratyn-da, tebigy gaz serişdeleri bilen dünýäde öňdebaryjy ýurtlaryň biridir. Şonuň üçin ýurduň elektrik energetika ulgamy şu wagta çenli, esasan, tebigy gaza esaslanýar. Şeýle-de bolsa, soňky ýyllarda dünýä derejesinde ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine geçmek, daşky gurşawy goramak hem-de energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek möhüm meseleleriň biri boldy. Bu ugurda Türkmenistan hem giň gerimli özgertmeleri alyp barýar.

Türkmenistanyň elektrik energetika syýasaty milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşini üpjün etmäge, energiýa eksport mümkinçiliklerini giňeltmäge we ilata ygtybarly energiýa üpjünçiligini berjaý etmäge gönükdirilendir. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli maksatnamalaryna laýyklykda, energetika pudagynyň döwrebaplaşdyrylmagy aýratyn orun eýeleýär. Soňky ýyllarda birnäçe döwrebap gaz-turbinaly elektrik stansiýalary gurlup ulanylmaga berildi. Şeýle hem bar bolan elektrik beketleri döwrebaplaşdyrylýar. Elektrik beketleri utgaşykly görnüşe geçirmek ugrunda iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Döwrebap elektrik stansiýalarda dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň («General Electric», «Sumitomo» we beýlekiler) enjamlary ornaşdyryldy. Netijede, energiýa öndürmegiň netijeliligi artdy, zyňyndy gazlaryň möçberi has-da azaldy.

**GAÝTADAN DIKELDILÝÄN ENERGIÝA ÇEŞMELERI:**

Türkmenistanyň geografiýasy we howa şertleri gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini, aýratyn-da, Gün we ýel energiýasyny giňden ulanmak üçin amatlydyr. Ýurdumyzda Gün şöhleleriniň ýylyň dowamynda has köp düşýändigi nazara alnyp, Gün panellerini ýerleşdirmek mümkinçiliklerine garalýar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan «Türkmenistanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ösdürmegiň konsepsiýasy» tassyklandy. Bu resminama ýurduň energetika ulgamyna täze ugur açdy. Ýel energiýasy boýunça barlaglar aýratynlykda



Balkan welaýatynda alnyp barylýar, sebäbi bu sebitde ýel tizlikleri ýokary bolýar. Ýakyn ýyllarda synag esasly ýel turbinalarynyň gurulmagy meýilleşdirilýär.

Oba hojalygynda döreýän galyndylardan biogaz almak boýunça hem synag taslamalary taýýarlanylýar. Bu ugurda halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk ýola goýulýar. Türkmenistan bu ugurda BMG-niň Ösüş maksatnamasy (UNDP), Halkara energetika agentligi (IEA), şeýle hem dünýäniň birnäçe ýurtlarynyň energetika kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk edýär. Şeýle hyzmatdaşlyklar täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyny hem-de milli hünärmenleriň taýýarlanmagyny üpjün edýär.

Türkmenistan häzirki wagtda energiýa üpjünçiliginde döwrebaplaşmagy we ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine geçmegi maksat edinýär. Tebigy gaz energiýasyny esasly orunda saklamak bilen birlikde, ýurt Gün we ýel energiýasynyň goşmaça çeşmeler hökmünde ösdürilmegine aýratyn üns berýär. Bu syýasat diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem, ekologik taýdan hem durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilendir.

Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri – Gün, ýel, suw akymynyň energiýasy, ýer we daşky gurşaw ýylylyk güýji, biomassadan alynýan biogaz we organiki galyndylardan energiýa ýasama alyp bolýan çeşmeler ýaly soňky wagtlarda dünýäde hem-de Türkmenistanda uly ähmiýete eýe bolan energiýa çeşmeleridir.

Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkezi tarapyndan bu ugurda köp işler durmuşa geçirilýär. Bu institutda döredilen «Ýel elektrik stansiýasyny taslamagyň sanly ulgamy» atly programma hem gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri babatda möhüm ähmiýete eýedir. Bu ulgam ýel energiýasyna degişli maglumatlaryň sanly binýadyny döretmäge, amatly ýer saýlamaga we kuwwat görkezijilerini hasaplamaga mümkinçilik berýär.

Umuman, ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa serişdeleriniň öndürilmegine uly üns berilýär. Balkan welaýatynda gurluşygy alnyp barylýan köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasy gurulýan täze, döwrebap obalary ekologik taýdan arassa elektrik energiýasy bilen üpjün etmäge şert döreder. Diýarymyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini döretmek boýunça işler geljekde-de giň gerimde dowam etdiriler.

**Ataberdi MOMMYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň ylmy işgäri.*

# Güýz paslynda sagdyn durmuş ýörelgesine eýermegiň ähmiýeti

Güýz pasly ýyly tomus paslyndan sowuk gyş paslyna geçilýän döwür bolup, bu döwürde howanyň temperaturasy üýtgeýär, ýagyşly, şemally günler köp bolýar. Şol sebäpli bu döwürde adamyň immun ulgamy, ýagny bedeniň kesele garşy göreşijilik ukyby peselip bilýär. Şonuň üçin her bir adam öz saglygyna aýratyn üns bermeli, bedeniň goranyş ukybyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreleri geçirmeli. Güýz paslynda dümew, sowuklama, ýokanç keseller ýaly ýagdaýlaryň öňüni almak üçin sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek möhüm ähmiýete eýedir.

Immunitet bedeniň dürli mikroblara, wiruslara, sowuklama sebäpli ýüze çykýan kesellere garşy durmagyny üpjün edýän gorag ulgamydyr. Güýz paslynda sowuk howa, çyglylyk we ýylylyk derejesiniň üýtgemegi immun ulgamynyň işine täsir edýär. Şeýle ýagdaýda bedeniň garşylyk kuwwatyny saklamak üçin dogry iýmitlenmek, hereketli bolmak we bedeniň ýylylygyny goramak zerurdyr.

Bedenimiziň kesele garşy ukybyny ýokarlandyrmakda dogry iýmitlenmegiň orny uludyr. Güýz paslynda bedene zerur bolan witaminleriň we mineral maddalaryň ýetmezçiligi ýüze çykyp bilýär. Şonuň üçin iýmitiň düzüminde aşakdakylara üns berilmeli:

☑ A, C, D we E witaminleri;

☑ demir, kalsiý, magniý ýaly mineral maddalar;

☑ miweler (alma, nar, mandarin, banan), gök önümler (sogan, sarymsak, kädi, burç) köp ulanylmalydyr.



Bu iýmitler bedeniň energiýa goruny artdyrýar, gan aýlanyşyny gowulandyrýar we immun ulgamyny güýçlendirýär.

Sport we bedenterbiýe bedeniň kesele garşy tebigy galkanlarynyň biridir. Güýz paslynda açyk howada gezelenç etmek, ýeňil türgenleşikler, irden bedeni gyjyndyrýan hereketleri ýerine ýetirmek örän peýdalydyr. Yzygiderli bedenterbiýe bedeniň gan aýlanyşyny gowulandyrýar, öýkeniň işini güýçlendirýär we bedeniň ýylylygyny kadalaşdyrýar. Şeýlelikde, adamyň immuniteti berkeýär.

Güýz paslynda sowuklama sebäpli ýüze çykýan dümew we beýleki ýokanç keselleriň öňüni almak üçin şahsy arassaçylyk kadalaryna berk eýermeli. Eli yzygiderli sabyn bilen ýuwmaly, eşikler howa şertine görä saýlanmaly.

Adam bedeni diňe fiziki taýdan däl, eýsem, ruhy taýdan hem durnukly bolanda sagdyn ýagdaýda bolýar. Güýz paslynda ýadawlyk, ukusyzlyk, stress ýagdaýlary immun ulgamyny gowşadýar. Şonuň üçin her gün azyndan 7–8 sagat uklamak, tertipli iş-dynç alyş düzgüni saklamak, kitap okamak, saz diňlemek, tebigatda gezelenç etmek ýaly dynç alyş görnüşleri peýdalydyr.

Sagdyn durmuş ýörelgesi diňe güýzde däl, eýsem, ýylyň ähli paslynda adamyň saglygyny goramagyň, bagtyýar durmuşda ýaşamagyň hem-de üstünlik gazanmagyň açarydyr.

**Selbi AMANOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň müdiri.*

# Ýol gözegçiligi – jemgyýetiň howpsuzlygy

Ýurdumyzyň ýol-ulag ulgamynyň howpsuzlygyny üpjün etmek, ýol hereketine gatnaşyjylaryň hukuklaryny goramak we ýol düzgünleriniň berjaý edilmegini gazanmak maksady bilen, ýurdumyzda Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugy hereket edýär. Bu gulluk jemgyýetde ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün edýän, ýol düzgünleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän hem-de ýol hadysalarynyň öňüni almak boýunça işleri alyp barýan möhüm hukuk goraýjy edaralaryň biridir. Ýol hereketiniň howpsuzlygyny üpjün etmek diňe bir döwlet edaralarynyň däl, eýsem, her bir raýatyň hem borjudyr. Şonuň üçin Ýol gözegçilik gullugynyň alyp barýan işleri jemgyýetiň durnuklylygynyň, halkyň howpsuzlygynyň we abadançylygynyň möhüm bölegi bolup durýar.

**ÝOL GÖZEGÇILIK GULLUGYNYŇ ESASY WEZIPELERI:**

☑ ýol hereketiniň düzgünleriniň berjaý edilmegine gözegçilik etmek;

☑ ýol hadysalarynyň öňüni almak we olaryň sebäplerini derňemek;

☑ awtoulaglaryň tehniki ýagdaýyny barlamak;

☑ ýol hereketi boýunça düşündiriş işleri we profilaktiki çäreleri geçirmek;

☑ ýol ulgamynda täze tehnologiýalary ornaşdyrmak;

☑ jemgyýetçilik tertibini we raýatlaryň howpsuzlygyny goramak.



Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ýol gözegçilik ulgamy döwrebaplaşdyryldy. Ulag serişdeleriniň sanynyň artmagy bilen bilelikde, ýol howpsuzlygynyň üpjün edilmegine aýratyn üns berilýär. Ýol gözegçilik gullugynyň işinde häzirki zaman elektron tehnologiýalar, wideo gözegçilik ulgamlary we sanly maglumat bazalary giňden ulanylýar. Awtoulaglaryň döwlet bellik belgileri, sürüjilik şahadatnamalary we ýol düzgünleriniň bozulmagyna degişli maglumatlar elektron görnüşde alnyp barylýar. Şeýlelikde, ýol hereketiniň düzgünleriniň ýerine ýetirilişi has netijeli gözegçilik astyna alynýar.

Ýol gözegçilik gullugy diňe gözegçilik işlerini däl, eýsem, jemgyýetde ýol medeniýetini ýokarlandyrmak boýunça giň düşündiriş çärelerini hem alyp barýar. Bu işleriň çäklerinde ylym ojaklarynda ýörite duşuşyklar geçirilýär, maglumat bannerleri, wideo çykyşlar we tertip-düzgün boýunça wagyz işleri guralýar. Şeýle çäreler ýol hadysalarynyň sanyny azaltmaga we raýatlaryň hukuk-tertip taýdan düşünjesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

Ýol hereketiniň howpsuzlygy her bir adamyň saglygynyň, jemgyýetiň durnuklylygynyň we döwletiň ösüşiniň möhüm şertidir. Ýol hereketiniň düzgünlerine eýermek, ýol gözegçilik gullugynyň talaplaryna hormat goýmak her bir adamyň borjudyr.

**Ýalkap HUDAÝBERDIÝEW,**
*Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Polisiýanyň ýol gözegçiligi bölüminiň gözegçisi, polisiýanyň uly leýtenanty.*

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Madagaskaryň täze Prezidenti.** 17-nji oktýabrda Madagaskar goşunynyň polkownigi Mikael Randrianirina ýurduň Prezidenti hökmünde kasam kabul etdi.



– Milletiň we halkyň öňünde Madagaskaryň döwlet Baştutany wezipesini wepalylyk bilen ýerine ýetirjekdigime kasam edýärin – diýip, ol ýurduň Konstitusiýa kazyýetinde aýtdy. Hindi ummanynda ýerleşýän Madagaskar Respublikasy adybir adany we ýanaşyk kiçi adalary öz içine alýar.

**Maýlama çaý ösdürmäge şert döreder.** 2090-njy ýyla çenli Hytaýda çaý ösdürip ýetişdirmek üçin oňaýly bolan 137 müň inedördül kilometre golaý täze ýerler peýda bolar. Munuň sebäbi global derejedäki ýylylyk we howanyň maýlamagydyr. Bu barada Hytaýyň Günorta-Günbatar uniwersitetiniň alymlary habar berdiler. Häzirki wagtda çaý ösdürip ýetişdirmek üçin amatly şertler Hytaýyň günortasynda bolsa-da, geljekde ýagdaý üýtgär.



**Iň gymmat awtomobil brendi.** «Interbrand» konsalting kompaniýasy dünýä brendleriniň bahasynyň ýyllyk sanawyny mälim etdi. Global awtoulag öndürijileriniň arasynda iň gymmatly marka diýlip ykrar edilen «Toyota» diňe IT kompaniýalaryndan soň altynjy orny eýeledi. «Toyota» brendiniň bahasy 2020-nji ýyldan bäri ösüp, 51,6 milliard amerikan dollaryndan 74,2 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Ikinji orunda «Mercedes-Benz», üçünji orunda bolsa, BMW gelýär.



**Stiw Jobsuň şekili goýlan şaýylyk.** ABŞ-nyň zikgehanasy «Apple»-iň esaslandyryjysy we öňki baş direktory Stiw Jobsuň şekili goýlan 1 dollarlyk ýadygärlik şaýylyk çykardy. Teňňäniň ýüzünde «Amerikanyň Birleşen Ştatlary», «Kaliforniýa», «Stiw Jobs» we «Ajaýyp bir zat dörediň!» diýen sözler ýerleşdirilipdir. Fewral aýynda Kaliforniýanyň gubernatory Gawin Nýusom Stiw Jobsuň suratyny şaýylygyň ýüzünde ýerleşdirmegi teklip etdi.



**1200 ýyllyk gural tapyldy.** Ýaponiýanyň Gifu prefekturasynda arheologlar ýaşy 12 asyr töweregi bolan bürünç daşy ýüze çykardylar. Biziň eýýamymyzdan öňki 710-794-nji ýyllara degişli bolan daşlar Nara eýýamynyň dolandyryş merkezi bolan Manakosi etrabyndan tapyldy. Ken diýen at bilen tanalýan çeküw daşlary gadymy döwürlerde salgyt tölemek üçin niýetlenen harytlaryň agramyny ölçemekde peýdalanylypdyr.



**Agramy 1 tonnadan geçýän kädi.** Kaliforniýaly höwesjeň fermer Brandon Dawson agramy 1 müň 64 kilograma barabar bolan ullakan kädini ösdürip ýetişdirip, her ýyl Demirgazyk Kaliforniýada geçirilýän bäsleşikde baş baýraga mynasyp boldy. Santa-Roza şäherindäki «Rivian Automotive» elektroulag kärhanasynyň önümçilik inženeri bolup işleýän Dawson 52-nji gezek geçirilýän Dünýä çempionatynda ýeňiji diýlip yglan edildi.



**Dik suwüsti Gün elektrik bekedi.** Germaniýanyň «SINN Power» kompaniýasy arassa energiýa önümçiliginiň keşbini üýtgedip biljek özboluşly Gün elektrik bekedini işe girizdi. Elektrik bekedi Bawariýanyň Ştarnberg şäherindäki Ýaýs çagyl karýerasynda ýerleşýär. Kuwwaty 1,87 MWt bolan Gün elektrik bekedi ýüzlerçe hojalygy elektrik energiýasy bilen üpjün eder. Dik paneller kölüň üstki meýdanynyň bary-ýogy 4,65 göterimini eýeleýär.



**Milli şäher gurluşyk forumy.** 15-17-nji oktýabrda Azerbaýjanyň Hankendi şäherinde 3-nji milli şäher gurluşyk forumy (NUFA3) geçirildi. Foruma 60-dan gowrak ýurtdan, takmynan, 400 wekiliýet gatnaşdy. NUFA3 Bütindünýä şäher ösüş forumyna (WUF13) taýýarlyk tapgyry bolup hyzmat edýär we halkara gepleşikleri, öňdebaryjy tejribe alyşmagy hem-de şäherleriň durnukly ösüşi ugrundaky ýerli hereketleri höweslendirýär.




## TARYHDA ŞU GÜN

**1861-nji ýylda ilkinji transkontinental telegramma Kaliforniýanyň kazysy Stiwen Fildden ABŞ-nyň Prezidenti Awraam Linkolna berildi. Bu transkontinental telegraf liniýasynyň tamamlanandygyny alamatlandyrdy.**



**Waka 24-nji oktýabrda bolup geçdi we bu ABŞ-nyň Gündogar we Günbatar kenarlarynyň arasynda telegraf arkaly aragatnaşygyň taryhynda ilkinji waka boldy.**

# Boliwiýada täze Prezident saýlandy

Boliwiýada geçirilen Prezident saýlawynyň ikinji tapgyrynda merkezi sagçy partiýanyň dalaşgäri, senator Rodrigo Pas ýeňiş gazandy. Pas 8-nji noýabrda geçiriljek kasam kabul edişlik dabarasyndan soňra wezipesine girişer. Ýurduň Ýokary saýlaw kazyýeti Hristian-demokratik partiýasynyň dalaşgäri, 58 ýaşly Pasyň 54,53% ses alandygyny mälim etdi. Ozalky Prezident Horhe Kiroganyň 45% ses alandygy mälim edildi. Soňky 20 ýylda ýurduň häkimiýetini çepçi «Sosializme tarap hereket partiýasy» (MAS) eýeleýärdi.

Pas saýlaw kampaniýasynda düýpli özgertmeleri durmuşa geçirjekdiklerini, ykdysady erkinligi artdyrmagy, önümçiligi we söwdany höweslendirmegi, şeýle hem kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýanlara karz mümkinçiligini döretmegi wada beripdi.

Rodrigo Pas salgyt girdejilerini sebitlere we häkimliklere deň paýlamak, kiçi we orta telekeçileri goldamak üçin elýeterli karzlar we salgyt ýeňillikleri meýilnamasyny durmuşa geçirmek arkaly ykdysadyýeti merkezleşdirmekden daşlaşdyrmagy teklip edýär. Şeýle-de bolsa, bu maksatnamany durmuşa geçirmek üçin halkara maliýe guramalarynyň karzlarynyň ulanylmagyna garşy. Syýasatçy, şeýle hem Boliwiýanyň dünýäniň beýleki ýurtlary bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmagy maksat edinýär.

Boliwiýa Günorta Amerikanyň merkezindäki köp milletli ýurt bolup, demirgazykda we demirgazyk-



gündogarda Braziliýa, günorta-gündogarda Paragwaý, günortada Argentina, günorta-günbatarda we günbatarda Çili we Peru bilen serhetleşýär. Ýuwaş ummanyndan 100 kilometr uzaklykdaky Boliwiýanyň deňze çykalgasy ýok. Paýtagty Sukre, ýöne döwlet edaralarynyň köpüsi La-Pasda ýerleşýär. 12 milliondan gowrak ilatly ýurtda 37 sany resmi dil bar.

# Ýylyň iň gowy oýlap tapyşlary

«Time» žurnaly 2025-nji ýylyň iň oňat oýlap tapyşlarynyň sanawyny neşir etdi. Žurnal dürli kategoriýalarda 300 tehnologik täzelikleri we ösüşleri saýlady. Neşiriň maglumatlaryna görä, «Robot tehnikasy» kategoriýasynda «Figure 03» we ykjam «HoverAir X1 ProMax» pilotsyz enjamy öňe saýlandy. Kosmos bölüminde «AST SpaceMobile BlueBird» hemra internet tehnologiýasy we Wera Rubin adyndaky obserwatoriýa saýlandy.



Iň oňat enjamlaryň arasynda «Apple AirPods Pro 3» gulaklygy, «70mai Dash Cam 4K Omni», «mikro-SSD Biwin» wideoregistratory, «Fujifilm Instax Wide Evo» dessine alýan kamera, «Huawei Pura 80 Ultra» kamerofony, «Samsung Micro RGB» telewizory we «Tecno Megabook S14» noutbugy bar.

Dakynylýan enjamlar kategoriýasynda «Oura Ring 4» we «Garmin Index Sleep Monitor» uky monitory ykrar edildi. Ulag serişdeleriniň arasynda «BMW iX3» we «BYD Seagull» elektroulaglary bar. 2024-nji ýylda şuňa meňzeş sanawa «LG Signature» dury telewizory, «AirPods Pro 2» gulaklyklary we «Huawei Mate XT» üç eplenýän smartfony girdi.

# BYD «asman otlusyny» işe girizdi

Hytaýyň BYD kompaniýasy Braziliýanyň iň uly şäherleriniň biri bolan San-Pauluda 616 ýolagça niýetlenen «SkyRail» (Asman otlusy) atly otlyny işe girizdi. Awtoulag öndürijisi ýakynda Braziliýadaky San-Paulu metrosynyň 17-nji Altyn liniýasynda üstünlikli synag geçirdi. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Wan Çuanfu otlynyň hereketini öz ýerinde synagdan geçirdi. BYD kompaniýasy tarapyndan gurlan bu taslamanyň umumy uzynlygy, takmynan, 6,7 kilometre barabar. «Asman otlusy» BYD-nyň öz «Yun» tehnologiýasy esasynda gurlup, hersi 5 wagondan ybarat bolan 14 sany otly toplumyndan ybarat. Otluda maýyplar üçin aýratyn ýerler hem göz öňünde tutulypdyr. Täze şahanyň resmi açylyşy 2026-njy ýyla meýilleşdirilip, her günde 100 müň ýolagçyny gatnatmaga mümkinçilik berer.

«SkyRail» taslamasy beýleki iki metro liniýasy bilen birleşdiriler, bu bolsa San-Paulunyň ulag ulgamyny ep-esli gowulandyrar we şäher ilatynyň gatnawyny has ýeňilleşdirer. «BYD Brazil SkyRail»-iň



tehniki direktory Aleksandr Barbosa bu taslamanyň Braziliýada jemgyýetçilik ulagynyň ösüşinde möhüm orun eýeleýändigini belläp, BYD-nyň tehnologik innowasiýa arkaly ekologiýa taýdan arassa şäher ulagyny ösdürmäge ygrarlydygyny tassyklady.

# Afrikanyň global logistika merkezi

Marokko Patyşalygy özüniň Tanjer-Med portunyň kömegi bilen Afrikany Ýewropa we Amerika bilen birleşdirýän möhüm logistika merkezine öwrüldi. Bu port indi Ispaniýanyň Alhesiras we Barselona şäherlerini Italiýanyň Genuýa şäheri bilen birleşdirýän deňiz ýollaryna hyzmat edýär. Hytaýyň Çendu şäherini Polşa, Germaniýa we Ispaniýa arkaly Tanjer-Med porty bilen birleşdirýän täze logistika koridory işe girizildi. Gury ýer we deňiz ulagyny (demir ýol we deňiz) birleşdirýän bu geçelge eltiş wagtyny 35 günden 20 güne çenli azaldyp, Marokkonyň Afrika we Amerika tarap derwezesi hökmünde özboluşly strategik ähmiýet berdi. Bu taslama Ýewropadan Barselona demir ýol arkaly haryt daşaýan we soňra Tanjer-Med gämilerine ýüklenýän «Täze Ýüpek ýolunyň» bir bölegi bolup, çykdajylaryň azalmagyna getirer. Bu bolsa, ýükleri daşamagyň ygtybarlylygyny ýokarlandyrýar we harytlaryň Demirgazyk Afrikanyň bazarlaryna gelmegini tizleşdirýär.

Bu başlangyç, esasan hem, Hytaýyň Marokko ýaly 53 Afrika ýurduna nyrh ýeňilliklerini bermek syýasatyny göz öňünde tutup, marokkoly eksportçylar üçin möhüm mümkinçilikleri açýar. Marokkoly eksportçylaryň her ýylda 186 milliard dollarlyk azyk önümlerini import edýän 1,4 milliard sarp edijini öz içine alýan Hytaý bazaryna girmek üçin ajaýyp mümkinçiligi bar.



Mundan başga-da, 15 ýyldan hem az wagtyň içinde Afrikanyň iň uly awtoulag öndürijisine öwrülen Marokko, Ýewropa ýakynlygy we Amerikadan bary-ýogy bäş günlük umman ýoly bolanlygy üçin global logistika merkezi hökmünde öz ornuny güýçlendirýär. Dahla portuny hem öz içine alýan «Atlantik fasad» taslamasy, Patyşalygyň Hytaý, Afrika we Ýewropanyň arasynda köpri bolmak üçin ynamly hereket edýändigini aýdyň görkezýär.

# Ýaponiýanyň ilkinji zenan Premýer-ministri

Ýaponiýanyň parlamenti öňki Ykdysady howpsuzlyk we içeri işler ministri Sanae Takaitini Premýer-ministr wezipesine saýlady. Şeýlelikde, Takaiti ýurduň taryhynda bu wezipäni eýelän ilkinji zenan boldy.

21-nji oktýabrda Ýaponiýanyň parlamenti ýaňy-ýakynda dolandyryjy Liberal-demokratik partiýasynyň (LDP) başlygy wezipesine girişen Sanae Takaitini ýurduň Premýer-ministri hökmünde tassyklady. Onuň ilkinji wezipelerinden biri täze Ministrler Kabinetini döretmek bolar.

Tejribeli syýasatçy hökmünde tanalýan Sanae Takaiti 1961-nji ýylda Nara şäherinde dünýä inýär. Onuň kakasy awtoulag kompaniýasynda işleýärdi, ejesi polisiýa işgäridi. Ýaponiýanyň geljekki Premýer-ministri Kobe uniwersitetiniň ykdysadyýet fakultetini we Masusita döwlet dolandyryş we menejment institutyny gutardy.

Takaitiniň syýasy karýerasy 1980-nji ýyllarda başlandy. 1990-njy ýyllaryň başyndan bäri 10 gezek parlamente wekil saýlandy, diňe bir gezek ýeňlişe sezewar boldy. Soňra ol dürli wezipelerde, şol sanda, Sindzo Abeniň hökümetinde hem, az wagtlyk ministr wezipesinde işledi.

Täze Premýer-ministr zähmetsöýerligi,



konserwatiw garaýyşlary hem-de milli howpsuzlyk meselelerine ünsi bilen tanalýar. Ol ABŞ bilen hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýar. Takaitiniň bahalaryň ýokarlanmagyny togtatmagyna we dekabr aýynyň ahyryna çenli ykdysady höweslendiriş boýunça çäreleri işläp düzmegine garaşylýar.

# Tokio ähli şäherlerden öňe geçdi

Tokio jahankeşdeleriň arasynda dünýäniň iň söýgüli şäheri diýlip ykrar edildi. Bu barada «Condé Nast Traveler» neşiri tarapyndan düzülen ýyllyk sanawda bellenýär. Sanaw ýarym milliondan gowrak okyjy bilen geçirilen pikir soralyşyga esaslanýar.

Bu barlaglara 757 müňden gowrak adam gatnaşdy. Ýaponiýanyň paýtagty gadymy ybadathanalary we futuristik binalary hem-de özboluşly binagärlik gurluşy bilen sanawda birinji orunda durýar. Mundan başga-da, Tokio Mişeliniň ýyldyzy berlen restoranlarynyň iň köp toplumy bilen dünýäniň iň gastronomik ugurlarynyň biri hökmünde tanalýar.

Megapolisleriň sanawynda ikinji orny Ýaponiýanyň Kýoto şäheri eýeledi. Günorta Afrika Respublikasynyň Keýptaun şäheri ilkinji üçlügi jemledi. Syýahatçylar üçin iň özüne çekiji şäherleriň arasynda Singapur, Seul, Pariž, Wankuwer, Edinburg, Monreal we Pnompen bar.

Şeýle hem uly bolmadyk ilatly nokatlaryň arasyndaky öňdebaryjylar kesgitlenildi. Bu ugurdaky sanawda Kanadanyň Wiktoriýa şäheri birinji orny eýeleýär. Onuň meşhurlygy syýahatçylaryň bu ýere tebigatda dynç almak, SPA myhmanhanalaryna baryp görmek we Swars-beý aýlagynda gämi bilen gezelenç etmek üçin ýygy-ýygydan Wankuwerden bir günlük gelýändigi bilen düşündirilýär.



Meksikanyň Puerto-Walýarta şäheri kiçi şäherleriň arasynda ikinji orny eýeledi. Renessans döwrüniň merkezi hasaplanýan Florensiýa üçünji orny eýeledi. Şeýle hem okyjylar Şweýsariýanyň Lýusern, Meksikanyň San-Migel-de-Alende, Ispaniýanyň San-Sebastýan, Irlandiýanyň Golueý, Palmu-de Malorku, Maltanyň paýtagty Walletta we Awstraliýanyň Hobart şäherlerine ýokary baha berdiler.




# Ýewropanyň iň köp okaýan ýurdy

15-19-njy oktýabrda Germaniýada 77-nji Frankfurt kitap ýarmarkasy geçirildi. Ýarmarkanyň bu ýylky hormatly myhmany Filippinler boldy. Ýarmarkanyň geçirilýän günleri 6 müňden gowrak neşirýatçyny birleşdirýän we Ýewropa kitap bazarynyň 80 göterimini emele getirýän Ýewropanyň neşirýat federasiýasy bu pudagyň ýagdaýy barada möhüm maglumatlary paýlaşdy.

Ýewropanyň kitap bazary garyşyk netijeleri görkezýär. Ýewropa neşirýat federasiýasynyň maglumatlaryna görä, nominal dolanyşyk 2007-nji ýylyň «gowy ýyllarynyň» iň ýokary derejesine çykyp, takmynan, 25 milliard ýewro ýetdi. Şeýle-de bolsa, neşirýatçylaryň girdejileri 2007-nji ýyldan bäri yzygiderli azalýar. Bu pese gaçyş COVID-19 pandemiýasy sebäpli bolup, çap işleriniň azalmagy 2021-nji ýyldan bäri has-da göze ilýär. Kitap bahalary ortaça hümmetsizlenmeden has haýal ösýär, ýagny neşirýatçylaryň hakyky girdejisi azalýar.

Kagyz kitaplar henizem agdyklyk edip, bazaryň 80 göterimini eýelese-de, bazaryň sanly transformasiýasy dowam edýär. Şunuň bilen birlikde, audiokitaplaryň segmenti soňky dört ýylda, takmynan, 70% täsirli ösüşi görkezdi. Gyzykly tarapy elýeterli katalogyň göwrümi yzygiderli ösýär, sanly we audio formatlary onuň dörtden bir bölegini eýeleýär. Pandemiýa döwründe onlaýn satuwlar köpelen bolsa, indi alyjylar kem-kemden adaty kitap dükanlaryna dolanýarlar. Bazaryň 14-15 göterimini eýeleýän durnukly çagalar edebiýaty segmenti aýratyn ünse mynasypdyr.

Kitap bazaryndaky sarp edijiniň ýagdaýy ýurtlara görä, düýpli tapawutlary görkezýär. Umuman, takyk ölçegler kyn bolsa-da, okamak azaldy. Iň işjeň okyjylar kitap pudagynyň geljegine belli bir umyt döredýän 16-29 ýaş aralygyndakylardyr. Zenanlar erkeklerden has köp okaýarlar we bilim hem-de girdeji derejeleri okamagyň ýygylygy bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Okamakdan ýüz öwürmegiň esasy sebäbi kitaplaryň bahasynyň gymmatdygy däl-de, eýsem, okamaga gyzyklanmanyň bolmazlygydyr.

Şweýsariýa Ýewropada iň köp okalýan ýurt diýlip yglan edildi. Ispaniýa bolsa bazaryň ösüşiniň ajaýyp mysaly hökmünde ýüze çykyp, pudak yzly-yzyna 12 ýyl ösdi. Şol bir wagtyň özünde, Fransiýa ikinji kitap bazaryny işjeň ösdürmegi bilen beýleki ýurtlaryň arasynda tapawutlanýar.

# TÄZE JANDARLAR ÝÜZE ÇYKARYLDY

**Argentinaly alymlar Atlantik ummanynda suwasty ekspedisiýany tamamladylar we şol döwürde ummanda ýaşaýan jandarlaryň täze görnüşlerini kesgitlediler. Bu barada «TV BRICS» habar berýär.**

**Argentinanyň ylmy we tehniki barlaglar boýunça Milli geňeşiniň (CONICET) we Şmidt Okean institutynyň ylmy topary Günorta Atlantik ummanynyň iň çuň ýerlerinden biri bolan Mar del Plata kanýonynyň çuňlugyny öwrendiler. Kanýonyň iň çuň nokady 3 müň 500 metrden gowrak. Alymlar ýokary hilli suwasty şekillerini almaga we daşky gurşawa zyýan bermezden çuň deňiz nusgalaryny ýygnamaga ukyply uzakdan dolandyrylýan enjamy işe girizdiler.**

**Çümüşler göni ýaýlymda görkezildi. Ýaýlym tomaşaçylar üçin Şmidt institutynyň ähli rekordlaryny täzeledi: beýleki kompaniýalaryň köpüsiniň suwa çümüşi ortaça 4 müň gezek tomaşa edilen bolsa, bu ekspedisiýanyň barlaglaryna ortaça 500 müň adam, üç hepdäniň dowamynda bolsa, jemi 18 million adam tomaşa etdi.**

**Barlag geçirijiler bu missiýanyň aktiniý, deňiz hyýarlary, deňiz kirpileri, ulitkalar we merjenler ýaly 40-dan gowrak täze görnüşiniň tapylandygyna ynanýarlar. Tassyklamak wagt alýar, sebäbi bar bolan belli görnüşler bilen deňeşdirmeler zerurdyr. Munuň üçin hünärmenler laboratoriýa we kompýuter barlaglaryny geçirerler.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ GÜR ILATLY ŞÄHERI

ABŞ-nyň iň köp ilatly şäheri bolan Nýu-Ýork dürli medeniýetleriň, maliýe amallarynyň we halkara hyzmatdaşlygyň merkezi hasaplanýar. Tutýan meýdany 1 müň 223 inedördül kilometre barabar bolan bu şäher 5 etrapdan ybarat. Nýu-Ýorkda 8,5 million adam ýaşaýar. Şäherde 800 töweregi dilde gepleşilýär. Dünýäniň metbugat merkezi hasaplanýan bu şäherde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň merkezi edaralary ýerleşýär. Nýu-Ýork diňe bir ABŞ-da däl, eýsem, tutuş dünýäde tanalýan owadan şäherleriň biridir. Woll-strit köçesi, Birleşen Milletler Guramasynyň ştab-kwartirasynyň binasy, Azatlyk heýkeli, Brodweý güýmenje meýdançasy şäheriň iň meşhur ýerleri hasaplanýar.

Nýu-Ýork syýahat etmek üçin iň gowy şäherleriň biri hasaplanýar. Şäheriň owadan ýerleriniň sanawynda 341 gektar meýdany tutýan Nýu-Ýork merkezi seýilgähi, beýikligi 93 metre barabar bolan Azatlyk heýkeli, 102 gatly «Empire State Building» binasy ýaly ýerler bar. Nýu-Ýork syýahatçylaryň arasynda «Uklamaýan şäher» ady bilen meşhurdyr. Nýu-Ýorka köplenç «Dünýäniň medeni paýtagty», «Dünýäniň moda paýtagty» hem diýilýär. Şäheriň Taýms we Brodweý meýdançalary günüň islendik wagtynda köp adamly bolýar. Taýms meýdançasy Nýu-Ýorkuň merkezi hasaplanýar. Bu ýere gijäniň ýarynda barsaň hem gyzykly aýdym-saz, tans çykyşlaryny synlamak bolýar. Habarlar, täzelikler bilen tanyşdyrylýan bu meýdançada egin-eşik dükanlary, restoranlar we ofisler bar. Uly LED ekranlarda köpçülige ýetirilýän bildirişler, mahabatlar şäheri has-da janly edip görkezýär. Brodweý görkezişleri, jaz çykyşlary, açyk asmanyň astyndaky kinoteatrlar we köçe çykyşlary bilen meşhurlyk gazanan Nýu-Ýorkda her gün diýen ýaly dürli festiwallar geçirilýär. Esasan hem,



Gün ýaşandan soň başlanýan şowhunly dabaralar «uklamaýan şäheriň» ýaşaýjylarynda we myhmanlarynda ýatdan çykmajak pursatlary döredýär. Şeýle hem şäheriň teatrlarynda Golliwudyň filmleridir teleseriallary ýygy-ýygydan köpçülige görkezilýär. Nýu-Ýork şäheri dünýäniň iň oňat muzeýleriniň mekanydyr. Häzirki zaman sungat muzeýi (MoMA), Metropoliten sungat muzeýi, Guggenheim muzeýi we Bruklin muzeýi sungaty söýüjileriň iň köp gelim-gidimli ýerleri hasaplanýar.



Günüň haýsy wagtyna garamazdan bu şäherde hereketiň yzy üzülmeýär. Gijäniň ýarynda bu şäheriň köçelerinde ýöräniňde hem özüňi gündiz gezip ýören ýaly duýýarsyň. Seýilgähler, restoranlar, güýmenje meýdançalary, teatrlar we köpçülikleýin ulag se-



rişdeleri gije-gündiziň dowamynda halka hyzmat edýär. Nýu-Ýorkda irdenden agşama çenli aralykda hökmany ýagdaýda gerekli bolan harajatlaryňy: iýmit, egin-eşik we ş.m. almagyň zerurlygy ýok. Sebäbi şäherde 24 sagadyň dowamynda bazarlar, söwda merkezleri, kafeler we hatda kitap dükanlary hem açyk bolýar. Söwda merkezleri gije-gündiziň dowamynda ýaşaýjylaryň we syýahatçylaryň isleglerini kanagatlandyrýar. Esasan hem, Nýu-Ýorkuň Manhetten we Bruklin ýaly etraplarynda gijeki durmuş has-da gaýnap joşýar.

Nýu-Ýorkuň metrolary dünýädäki iň işjeň ýerasty ulag serişdeleriniň biridir. Bu şäher metro ugurlarynyň we beketleriniň gije-gündiz işlemegi bilen beýleki şäherlerden tapawutlanýar. Şäherde dürli ugurlarda işleri alyp barýan 52 kompaniýanyň merkezi edarasy ýerleşýär. Nýu-Ýorka her ýyl 50 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

# Güýz paslynyň ýokumly miwesi

Güýz aýlarynda halanyp iýilýän ir-iýmişleriň biri-de igdedir. Şepbikli ösümlikleriň biri hasaplanýan igdäniň kümüşsöw ýapragy we tikenli baldagy bar. Igdäniň gülünde efir ýagy saklanýandygy sebäpli, ýakymly ysy bolýar. Igdäniň miwesi oktýabr aýynda ýetişýär. Onuň içi unly, goňrumtyl-gyzyl süýji miwesiniň düzüminde süýt, şeker, belok bar. Şeýle hem bu miwäniň düzüminde kislota saklaýandygy sebäpli dişiňi gamaşdyryjy tagamy bar. Igde witaminlere, beloga, aşgarlaýjy maddalara, uglewoda, demre we fosfora baýdyr.

Igde gadym döwürlerden bäri halk lukmançylygynda giňden ulanylýar. Onuň sowuklamany aýyrmakda we içegede döreýän parazitleri ýok etmekde peýdasy örän uludyr. Ownujak miwe immuniteti güýçlendirmekden başlap, çişleriň döremek howpunyň öňüni almaga ýardam edýär. Igdäniň köküden taýýarlanylýan melhemiň ýürek-damar ulgamynyň işini kadalaşdyrýandygy bellenilýär. Ýapragynyň gaýnadylan şiresi gyzgynyňy gaýta-



ryjy serişde hökmünde ulanylýar. Mundan başga-da, igdäniň gülünden alynýan efir ýagy parfýumeriýa serişdelerini öndürmekde peýdalanylýar.

Ata Watany Aziýa hasaplanýan igdäniň dünýäde 20-ä golaý görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurdumyzda ululygy we tagamy babatda tapawutlanýan şekerek, guşigde, jigirdek, adaty igde, ýabany igde ýaly görnüşleri duş gelýär. Guraklyga çydamly, şor ýerlerde hem ösüp bilýän bu agaç topragy azot bilen baýlaşdyrýar.

# Birleşen Milletler Guramasynyň güni

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Şu günler Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygy dünýäniň birnäçe döwletlerinde hem-de ata Watanymyz Türkmenistanda uludan bellenilip geçilýär. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agzalyga kabul edilen gününden bäri, halkara gurama bilen syýasy, ykdysady, daşky gurşaw, medeni-ynsanperwer ugurlarda köpugurly hyzmatdaşlygy alyp barýar. Halkara guramanyň döredilen güni mynasybetli ýurdumyzda konferensiýalar, forumlar, özara pikir alyşmalar, sergiler, medeni çäreler we aýdym-sazly dabaralar geçirilýär. Baýramçylyk çärelerinde hem-de dabaralarda Türkmenistan bilen BMG-niň arasyndaky köpugurly hoşniýetli hyzmatdaşlyk, dünýäde parahatçylygy üpjün etmek bilen bagly Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan alnyp barylýan dünýä derejesindäki işleriň waspy ýetirilýär.



Ýurdumyzyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyl BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda iki möhüm senäniň – BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen üç gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygynyň gabat gelmegi aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasyndaky işinde oňyn Bitaraplyk, gapma-garşylyklary we düşünişmezlikleri diňe parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar arkaly çözmek ýörelgelerine üýtgewsiz ygrarlydygyny nygtamak gerek.

Durnukly Ösüş Maksatlaryny (17 ugur) alyp barýan bu guramanyň 193 agzasy bolup, dünýäde parahatçylygy we halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde uly orny eýeleýär. Dünýäde millionlarça adama azyk we lukmançylyk kömegini berýän halkara guramanyň ştab-kwartirasy Nýu-Ýork şäherinde, Ýewropadaky merkezi Ženewa şäherinde hem-de Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýär. BMG-niň 6 sany resmi dili (arap, hytaý, iňlis, fransuz, rus we ispan) bolup, halkara forumlarda şu dillerde çykyş edilýär. Gurama Baş Assambleýa, Howpsuzlyk Geňeşi, Ykdysady we Durmuş Geňeşi (ECOSOC), Halkara Kazyýet hem-de Sekretariat ýaly düzümlerden ybaratdyr. Birleşen Milletler Guramasy birnäçe gezek Parahatçylyk boýunça Nobel baýragy bilen sylaglanyldy.

## ÇAGALAR

**Natron kölüniň suwunyň temperaturasy hemişe 40 derejeden ýokarda saklanýar.**




# SÖÝGI, BAÝLYK WE SAGLYK

Bir gezek bir zenan öýüniň eýwanyna çykanda, howlusynda üç sany myhmanyň durandygyna gözi düşýär.

Öý bikesi gapyny açyp:

– Öýe giriň, duz dadyp gidiň – diýip, olaryň içeri girmegini teklip edýär.

Olar göwnaçyk zenana myhmansöýerligi üçin hoşallyk bildirip:

– Biziň üçimiz birlikde öýe girip bilmeýäris – diýip, jogap berýärler.

– O näme üçin? – diýip, öý bikesi geň galýar.

Myhmanlaryň biri ýanyndakylary görkezip:

– Munuň ady «Baýlyk», onuň ady «Saglyk», meniň adym bolsa «Söýgi» – diýip, özi we dostlary bilen tanyşdyrýar.

Soňra ol:

– Ýoldaşyň bilen biziň haýsy birimizi öýüňize myhman almakçydygyňyzy maslahatlaşyň. Maşgala agzalaryňyz bilen netijä geleniňizden soň, jogabyňyzy aýdyň – diýip, sözüniň üstüni ýetirýär.

Myhmanlar gapyda garaşmagy makul bilýärler. Zenan bolsa, öýüne girip bolan zatlary ýoldaşyna gürrüň berýär. Zenanyň ýoldaşy muňa örän begenip:

– Bul-a örän gowy boldy. Saýlamaly bolsa, onda näme, «Baýlygy» çagyraly. Goý, ol öýümizi bolelinlik bilen doldursyn – diýip jogap berýär.

Aýaly muňa garşy çykyp:

– Gadyrdanym, biz näme üçin öýümize «Saglygy» çagyrmaly däl – diýip, nägilelik bildirýär.

Öýüň bir burçunda tikin işlerine gümra bolup, bu gürrüňleri eşidip oturan gyzy:

– Eýsem, biz näme üçin «Söýgini» çagyrmaly däl. Goý, biziň öýümizde söýgi höküm sürsün – diýip, ýakynlaryna öz pikirini duýdurýar.

Öýüň hojaýyny:

– Bolýar, ejesi, onda gyzymyzyň islegi bilen razylaşaly. Git-de «Söýginiň» biziň myhmanymyz bolmagyny sora – diýip, aýalyna ýüzlenýär.

Öý bikesi daşary çykýar-da:

– Siziň haýsy biriňiz «Söýgi» bolsaňyz içeri giriň we biziň myhmanymyz boluň – diýýär.

«Söýgi» atly myhman gapa tarap ýönelende, beýleki iki myhman hem onuň yzy bilen geliberýär. Bu ýagdaýa geň galan zenan olara ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Siz häli diňe biriňiziň içeri girip bilýändigiňizi aýdypdyňyz dälmi?

Bu soraga myhmanlar:

– «Baýlygy» ýa-da «Saglygy» saýlan bolsaňyz, beýleki ikimiz daşarda galardyk, ýöne siz «Söýgini» çagyrdyňyz. Biz – «Baýlyk» we «Saglyk» ikimiz «Söýgi» nirä gitse-de, onuň ýanyndan aýrylmaýarys. Nirede söýgi bar bolsa, şol ýerde-de baýlyk bilen saglyk mesgen tutýandyr – diýip, hoşamaý jogap berýärler.

# Gyzyl köl barada bilýäňizmi?

Täsinliklere baý Afrika yklymynda ýyrtyjylaryň, uly süýdemdirijileriň we beýleki jandarlaryň dürli görnüşleri ýaşaýar. Afrikadaky haýran galdyryjy täsinlikleriň biri hem gyzgylt köl hasaplanýar. Suwunyň düzümi we reňki bilen tapawutlanýan bu köl görenleri haýran galdyrýar. Tanzaniýanyň Aruşa sebitiniň demirgazygyndaky Beýik Rift jülgesinde ýerleşýän gyzgylt köl dünýädäki iň zäherli kölleriň biri hasaplanýar. Uzynlygy 57 kilometre, ini 22 kilometre barabar bolan Natron kölüniň suwunyň temperaturasy hemişe 40 derejeden ýokarda saklanýar. «Ýyly köl» hem diýilýän Natron köli ýalpak suwly bolup, iň çuň ýeri 3 metre ýetýär. Kölüň gyzyl reňki «halofiller» atly mikroorganizmlerden emele gelipdir.

Alymlaryň bellemegine görä, wulkan basseýninde ýagyş suwunyň toplanmagy hem-de ownuk derýalaryň suwuny guýmagy netijesinde Natron köli emele





gelipdir. Gyzyl köl suwuny başga derýa ýa-da deňze guýmaýar. Bu köl ýata suwly häsiýete eýedir. Kölüň adyndaky natron maddasy gadymy müsürlileriň mumyýa etmek üçin ulanan mineral duzudyr. Howply hasaplanýan bu kölde hiç hili janly-jandar ýaşamaýar. Guşlardyr süýrenijiler ýalňyşyp kölüň töweregine baran ýagdaýynda gurap, heýkele öwrülýär.

Aşgarly suwunyň bardygyna garamazdan, Natron kölündäki süýji suwly batgalyklarda flamingolar (gülgün gaz) ýaşaýar. Ýer ýüzündäki flamingolaryň 75 göterimi gyzgylt kölde duş gelýär. Gülgüne guşlar tilapiýa balygy hem-de suwotular bilen iýmitlenýär. Natron kölünde balyklaryň endemik görnüşi bolan alkolapiýa duş gelmek bolýar. Gülgün guşlar bilen bezelen gyzgylt köl dünýäniň iň täsin ýerleriniň biri hasaplanýar. Natron köli Bütindünýä tebigat gaznasy tarapyndan ykrar edilen goralýan çäkleriň biridir.

# Multfilmlerde suratlandyrylýan täsin gala

«Günbataryň täsinligi» ady bilen tanalýan Mon-Sen-Mişel galasy Fransiýanyň Normandiýa sebitiniň deňiz kenarynda ýerleşýär. Bu taryhy bina biziň eýýamymyzdan öňki 708-nji ýylda ybadathana hökmünde gurulýar. 1023 – 1084-nji ýyllar aralygynda bolsa bu ýerde täze gala gurlup, Romanesk we Got medeniýetlerine degişli nagyşlar bilen baýlaşdyrylýar. 7 gektar meýdany tutýan bu gala dürli ýyllarda dürli maksatlarda ulanylýar. Mon-Sen-Mişel galasy 1979-njy ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär. Mon-Sen-Mişel aýlagynyň ortasynda ýerleşýän ýadygärligiň düzüminde 60-dan gowrak bina goralýar. Galanyň iň beýik nokady 92 metre ýetýär. Täsin galany ýakyndan synlamak üçin her ýyl 3 milliondan gowrak syýahatçy barýar.

Deňze golaý ýerde, gaýanyň üstünde ýerleşýän gadymy gala edil hyýaly ertekilerdäki köşge meňzeýär. Deňiz bilen daşyň utgaşmasyndan dörän bu täsinlik ertekilerdir multfilmlerde hem beýan edilýär. Mon-Sen-Mişel galasy Disneýiň «Tangled» (2010) multfilminde Patyşalyk köşgi hökmünde suratlandyrylýar. «Üç muşketýor: Mikki, Donald we Gufi» (2004) multfilmindäki wakalar hem bu galada bolup geçýär. Mundan başga-da, multfilmleriň we wideo oýunlarynyň birnäçesinde Mon-Sen-Mişel galasy owadan sahna hökmünde görkezilýär.



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## Gyzykly pursat



# Täze kitap tanyşdyryldy

Azerbaýjan Respublikasynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli şahyryň goşgulary ýerleşdirilen «Aşyk bolmuşam» atly täze kitap azerbaýjan we türkmen dillerinde çap edildi. Türki medeniýetiniň we mirasynyň gaznasy tarapyndan neşir edilen täze kitapda şahyryň şygyrlarynyň 132-si azerbaýjan dilindäki terjimesi bilen birlikde ýerleşdirilipdir.




Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde guralan halkara maslahatyň çäginde bu kitabyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Onda görnükli türkmen we azerbaýjan edebiýatçylary, alymlar hem-de jemgyýetçilik wekilleri çykyş etdiler.

– «Aşyk bolmuşam» atly täze kitap Magtymguly Pyraga, onuň ebedi döredijiligine hormat-sarpanyň nobatdaky güwäsidir. Bu kitaby çap eden gaznanyň halkara gurama hökmündäki aýratyn hyzmatlarynyň biriniň türki dünýäniň beýik şahsyýetleriniň edebi mirasyny wagyz etmekden ybaratdygyny belläsim gelýär. Magtymguly Pyragynyň azerbaýjan we türkmen dillerindäki täze goşgular kitaby «Türki edebiýatyň merjenleri» atly topluma girizildi. Biziň üçin şahyryň «Aşyk bolmuşam» atly täze kitabyny beýik akyldaryň Watany Türkmenistanda, onuň adyny göterýän uniwersitetde giň okyjylar köpçüligine tanyşdyrmak uly mertebedir. Ýeri gelende, gazna tarapyndan geçen ýyl bu kitabyň ýurdumyzyň paýtagtynda yzygiderli geçirilýän we uly gyzyklanma eýe bolýan X Baku halkara kitap sergisinde tanyşdyrylandygyny hem ýatladasym gelýär – diýip, Türki medeniýetiniň we mirasynyň gaznasynyň ýolbaşçysy Aktoty Raimkulowa tanyşdyrylyş dabarasynda belledi.

**Serdar ŞAMYKOW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Arkadag şäheri boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

# Kitap 82 ýyldan soň gaýtaryldy

ABŞ-nyň Tehas ştatyndaky San-Antonio jemgyýetçilik kitaphanasyna 82 ýyldan soň bir kitaby gaýtaryp berdiler. Maglumatlara görä, 11 ýaşly oglan 1943-nji ýylyň iýulynda kitaphanadan Frensis Brýus Streýniň «Siziň çagaňyz, onuň maşgalasy we dostlary» atly kitaby alýar. Ol kitaby 1 aýdan soň yzyna tabşyrmalydy, ýöne bu onuň isleýşi ýaly bolmaýar. Oglanyň ejesi ABŞ-nyň Mehikodaky ilçihanasynda wezipä bellenýär. Netijede, olaryň maşgalasy gyssagly ýagdaýda şäherden gitmeli bolýar.

Kitap olaryň zatlarynyň arasynda gidip, 80 ýyldan gowrak wagt maşgalada saklanýar. Birnäçe aý mundan öň kitaby alanyň ogly eseri tapyp, San-Antonio yzyna ýollaýar. Ol kitabyň gapdaly bilen hat hem ugradyp, onda gijikdirilendigi üçin jerime salmazlygy haýyş edipdir. Ol «indi enesiniň kitap üçin tölemäge ýagdaýynyň ýokdugyny» belläpdir. 2021-nji ýylda San-Antonio kitaphanasynda möhletinden gijikdirilen kitaplara jerime salmak düzgüniniň ýatyrandygy üçin hiç hili töleg gerek hem bolmady.




**Gunça HOJAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ýol gurluşygy fakultetiniň talyby.*

# ÝORGUT

*«Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşiginde 3-nji orna mynasyp bolan hekaýa*

Şol gün mekdepde iň sylagly ussat mugallymlaryň biri bolan Ogulgül mugallyma okuwçylaryň ekabyry: «Mugallymçylyk kärine çagalykdan höwes edipmidiňiz?» diýip sowal berdi. Ol «ýok» diýmäge dili barmaýan ýaly ýylgyrdy. «Men edebiýatşynas alym bolmagyň arzuwyndadym. Şol arzuwym hem meni ýokary okuw mekdepleriniň biriniň gapysyndan eltdi. Emma yzly-yzyna dört ýylyň şowsuz synanyşygy lapymy keç etdi. Soňky ýyl bolsa men welaýat merkezinde ýerleşýän birýyllyk mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebine girip, ony üstünlikli tamamladym. Edebiýatşynas bolmak arzuwym welin, çaga ýaly hötjetligine tutup, meni günüme goýanokdy. Ony ynjaltmak maksady bilen ýene-de gerekli resminamalary taýýarlap, niredesiň Aşgabat diýip ýola düşdüm. Bu gezek ýüregim suwlujady. Men özümi pirden pata alan şägirt ýaly ynamly duýýardym. Sebäbi geçen ýyllaryň içinde okamadyk eserim, ýat tutmadyk goşgym, baryp görmedik kitaphanam galmandy.

...Şol gün rus şahyry A.S.Puşkiniň goşgular ýygyndysyny kellämi galdyrman okap otyrşyma, gije ýarymdan agansoň, biraz ymyzganypdyryn. Özüme birnäçe ýyl bäri tanyş bolan gapydan ätläp, däliziň ugry bilen ýöräp başladym. Birdenkä däliziň ahyrynda şöhle peýda boldy we ol ýerde uzyn geýimli adama gözüm düşdi. Men ondan gözümi aýryp bilmän ýöräp barşyma, onuň rus halkynyň beýik şahyry A.S.Puşkindigini saýgardym. Men onuň ýanyna golaýlaşanymda, onuň elinde bir zat saklap durandygyny we maňa garaşýandygyny aňdym. Ýakynyna baranymda onuň elinde bir bedre süýdüň bardygyny bilip galdym. Ol emaý bilen elindäki süýtli bedresini maňa uzatdy, birdenkä, şol ýerde näme bolup geçenini aňşyryp ýetişmedim, ýa alasarmyk duýgular bilen ebeteýsizlik etdim, garaz bedre gaçyp, içindäki süýt ýere ýaýlyp gitdi. Süýtden ýaňa poluň üsti gar düşelen ýaly boldy. Şol pursat meniň reňkim öçüp, ýüzüm hem ak tam boldy. Men özüme ömrümde ýekeje gezek berlen mümkinçiligi elimden giderip barýan ýaly, bedräni şol bada ýerden garbap aldym. Ýöne eýýäm giçdi... Bedräni elime alyp, içine seretsem, düýbünde birazajyk süýt galan eken.

Başymy galdyryp, töweregime göz aýlasam, ne Puşkin bar, ne-de elimdäki süýtli bedre. Şol wagt onuň diňe düýşdügine göz ýetirdim. Şol pursat kelläme gelen pikire seretsene, öz düýşümi özüm ýordum... «Diýmek men şu ýokary okuw mekdebiniň talyby bolsam-da, alym bolmajak ekenim» diýdim. Adamyň durmuşam niýetine görä bolýar oguşýa. Şol ýyl men synaglary üstünlikli tabşyryp, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyby boldum hem-de okuwy tapawutlanan diplom bilen tamamladym. Rus, arap-pars dillerini öwrendim, özbaşdak okalan eserleriň üstüni täze maglumatlar bilen ýetirdim, alymlyk işime-de başladym, emma durmuşyň maňa başgarak taýýnlap goýan orny bar eken. Garaz alym bolmadym».




Okuwçylaryň biri: «Eger şol ýyllara dolanyp, täzeden mümkinçilik döredilse, pikiriňizi üýtgederdiňizmi?» diýip sorady. «Belki-de bedräni bilgeşleýin elimden gaçyryp, ýene-de mugallym bolardym. Sebäbi meniň siziň ýaly göreldeli okuwçylarym bar» diýip, Ogulgül mugallym buýsançly ýylgyrdy.

**Ajaýyp NOBATOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby.*

# Adel ýatlama ýazmakçy

Döwrümiziň iň meşhur sungat işgärlerinden biri bolan britan aýdymçysy Adel ilkinji terjimehal eserini çykarmaga taýýynlanýar. Maglumatlara görä, 37 ýaşly ýyldyz köp ýyllap uly neşirýat tekliplerinden ýüz öwrenden soň, köp million dollarlyk şertnama baglaşdy.

Adel bu kitapda ilkinji gezek Tottenhamdaky çagalygyndan we abraýly mekdepde okan döwründen başlap, 16 sany «Grammy», 12 sany «BRIT Awards», «Oskar», «Emmi» we «Altyn globus» ýaly baýraklary getiren meşhurlyga barýan ýoly barada jikme-jik maglumat berer. Mundan başga-da, terjimehal eserinde aýdymçynyň diňe bir professional üstünlikleri däl, eýsem, onuň şahsy durmuşy – enelik, içki oý-pikirleri barada gürrüň berler. Adel kitabynyň üstünde işlemekden başga-da, dünýä syýahat etmegiň we täze aýdym-sazlary çykarmagyň mümkinçiligini göz öňünde tutýar.




# Gysga habarlar

☑ **16 dilde täze kitap çykardy.** Amerikaly ýazyjy Den Braunyň «Syrlaryň syry» (The Secret of Secrets) atly täze romany onuň dokuz ýyldan soň ilkinji kitabydyr. Eseriň göwrümi, takmynan, 700 sahypa bolup, ol birbada 16 dilde neşir edilip, satuwa çykdy. «Syrlaryň syry» Braunyň sekizinji romanydyr. «Da Winçiniň kodunyň» üstünliginden soň, Den Braunyň eserleriniň 250 milliondan gowrak nusgasy satyldy we 56 dile terjime edildi.




☑ **Täze audiokitaplar çykar.** Şu ýylyň noýabr aýyndan indiki ýylyň maý aýyna çenli Garri Potter hakyndaky 7 kitabyň hemmesiniň iňlis dilinde täze audiokitaplary çykar. Taslama «Pottermore» we «Audible» elektron neşirleri tarapyndan amala aşyrylýar. Ses bermäge hünärmen aktýorlaryň 200-den gowragy gatnaşar diýip, «Entertainment Weekly» žurnaly habar berdi.




☑ **Bob Dilan kitap çykarar.** 18-nji noýabrda «Simon & Schuster» neşirýaty amerikan sazandasy, şahyry we ýazyjysy Bob Dilanyň «Point Blank» (Quick Studies)» ady bilen kitap-albomyny çykarar. Kitaba sazanda tarapyndan 2021-2022-nji ýyllarda döredilen 100-e golaý garaak suratlar girer. Bob Dilan soňky 60 ýylda pop-medeniýetinde esasy şahsyýetleriň biri hasaplanýar. Ol 2016-njy ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi boldy.




☑ **Jeýms Bonduň jaýy satlykda.** Jeýms Bonduň ady bilen baglanyşykly jaý Londonda satuwa çykaryldy. «Agent 007»-niň edebi rezidensiýasy hasaplanýan Çelsi etrabyndaky öýüň bahasy 6,45 million ýewro. Iňlis ýazyjysy Ýan Flemingiň döreden gahrymany Jeýms Bond dünýä edebiýatynda iň tanymal şahsyýetleriň birine öwrüldi. 1962-2021-nji ýyllar aralygynda bu super agent hakda 25 film surata düşürildi. Mülk diňe bir emläk hökmünde däl, eýsem, medeni mirasyň bir bölegi hökmünde kabul edilýär.






**Abdulbaky HAÝTLYÝEW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*



## 54-nji KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Fransuz çöregi. **7.** Gumda bitýän, düýbi iýilýän ýabany ösümlik. **10.** ABŞ-da bir şäher. **11.** Içinde mal-gara saklanýan giň howly. **12.** Ýaglyk, elýaglyk (köne söz). **13.** Çala görmek, aňşyrmak. **16.** Ýakymly ys ýaýradýan gül. **17.** Dil. **20.** «Ýigrimi bäş ýaşynda, ... wagtynda, /Mätäjini goç gardaşdan aýyrdy» (Mätäji). **23.** Amazonka derýasynyň sag goşantlarynyň biri. **25.** At esbaby. **27.** Bir düşünjä bolan yrym, ynanç. **28.** Bir zadyň öňüne ýa-da daşyna edilen germew. **29.** Gün hanyň ogly. **31.** Gaýma iňňesi bilen gaýalýan naguş. **34.** Batgalyk ýerde ýaşaýan guş. **37.** Matanyň bir görnüşi. **39.** Kejebäniň tutusy. **40.** Oglan-gyzlaryň garyşyp oýnaýan milli oýny. **44.** Ätiýaçsyz, bihabar. **45.** Parmezan syrynyň bir görnüşi. **46.** Üç ýaşyndaky tüwe, gulajyn. **47.** Gana döwletiniň paýtagty. **48.** Ykmanda, sergezdan.

**DIKLIGINE:** **1.** Ýerliksiz, biderek. **2.** Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gara Seýitliýewiň doglan obasy. **3.** Daşary ýurt adam ady. **4.** Birini gorkuzmak, çekindirmek üçin haýbat, hemle. **5.** Kümüş pul (köne söz). **6.** Behişt. **7.** Ýurdumyzda bir etrap. **8.** Ýaponiýanyň gadymy harby derejesi. **9.** Ojagyň küli syrylyp, toplanyp dökülýän susak. **14.** Gurşundan guýlan kenek. **15.** Ýewraziýanyň çetki nokatlarynyň biri. **18.** Biçäre. **19.** Maksadyna ýeten, arzuwy ýerine gowşan. **21.** Çapawul, alaman. **22.** «Azaşan ... tapsa ýagşy» (nakyl). **24.** Birine garaşly, bagly bolan. **25.** Gurbannazar Ezizowyň bir goşgusy. **26.** Mähelle, märeke. **29.** Ispaniýanyň futbol topary. **30.** Iýmek, kertmek (göçme manyda). **32.** Fiziki güýç, kuwwat. **33.** Mezozoý erasynyň bir döwri. **35.** Hekaýa mazmunly şygyr bilen ýazylan eseriň bir görnüşi. **36.** Pagta çigidiniň ýagy alnandan soň galan galyndysy. **38.** Ýyrtyk-ýirik egin-eşik, eleşan geýim. **39.** Utanjaň, çekinjeň. **41.** Jebir, sütem (göçme manyda). **42.** Gyzgylt-goňur reňkli düýe. **43.** Özbegistanda bir şäher.

**Orazmuhammet GURBANMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**41-nji skanwordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | P | | A | | Y | | H | | P | | D | | |
| | A | | G | A | R | P | I | Ý | A | | O | B | A |
| E | N | E | Ş | | Y | | N | | R | A | H | A | T |
| | K | | A | K | M | A | K | | A | | A | B | A |
| T | E | M | M | I | | T | A | G | M | A | | A | |
| | Ý | | | A | H | A | L | T | E | K | E | | A |
| S | K | A | T | | | L | | A | T | A | N | A | K |
| | | L | A | M | P | A | S | | R | | Ç | | M |
| A | Z | A | P | | A | N | K | A | | S | E | N | A |
| | | K | I | R | | T | A | R | A | | M | A | Ý |
| O | Z | A | R | | H | A | N | A | | W | E | N | A |

**53-nji krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| M | O | K | K | O | | P | | D | | P | | B | A | H | Y | M |
| Ä | | A | | S | A | R | I | A | N | I | D | I | | Ö | | Ü |
| T | Ä | R | I | M | | O | | L | | P | | L | A | W | A | Ş |
| I | | A | | A | L | T | Y | N | D | E | P | E | | E | | K |
| | E | T | A | N | | E | | O | | T | | K | E | S | P | |
| | W | | Ý | | R | I | T | M | I | K | A | | J | | E | |
| M | A | R | A | F | O | N | | E | | A | L | G | E | B | R | A |
| | K | | | | W | | | R | | | L | | | | G | |
| H | U | D | A | Ý | A | T | Y | | E | D | E | B | I | Ý | A | T |
| | A | | | | Ý | | | R | | | G | | | | M | |
| A | T | Ý | A | T | A | K | | I | | A | R | B | A | L | E | T |
| | O | | T | | T | O | R | O | N | T | O | | I | | N | |
| | R | Y | S | K | | L | | | | A | | A | R | A | T | |
| O | | L | | I | R | R | I | G | A | T | O | R | | H | | U |
| J | A | H | Y | L | | A | | O | | Ü | | H | A | L | A | Ç |
| A | | A | | K | A | B | O | W | E | R | D | E | | A | | U |
| R | U | M | B | A | | I | | Y | | K | | Ý | A | K | U | T |



Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# AFK-nyň ýaryşlarynda 3-nji duşuşyklar tamamlandy

**AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 3-nji duşuşyklar tamamlandy.**

Günbatar sebitinde «A» toparçada BAE-niň «Al Wasl» topary 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazandy. Myhmançylykda «Al-Muharrak» toparyndan Diallonyň 87-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda üstün çykan «Al Wasl» utugyny 9-a ýetirdi.

«B» toparçada ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary Dohada «Al Ahli» topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda ýer eýeleri Mitorwiçiň 41-nji, Wlapyň 56-njy minutlarda geçiren gollary esasynda 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik ildeşlerimiz oýun tamamlanmazdan ozal, hasaby deňlemegiň hötdesinden geldi. 79-njy minutda Baýram Ataýew «Arkadag» toparynyň bu ýaryşdaky ilkinji goluny geçirdi. 90+1-nji minutda bolsa Mekan Saparow hasaby deňlemegi başardy. «Andijon» bilen «Al-Haldiýanyň» arasyndaky oýun hem deňlikde tamamlandy (0–0). «C» toparçada ýurdumyzyň wise-çempion «Ahal» Eýranda «Sepahan» toparyndan 1–0 hasabynda utuldy. Ýeke-täk goly 82-nji minutda Rezai öz adyna ýazdyrdy. Toparçada Hindistanyň wekili «Mohun Baganyň» ýaryşdan çykmagyndan soň diňe 1 duşuşyk geçirildi.



«D» toparçada Saud Arabystanynyň «Al-Nassr» topary myhmançylykda Hindistanyň «Goa» klubuny Anhelonyň hem-de Kamaranyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Arap kluby toparçada 3-nji ýeňşini gazanyp, indiki tapgyra çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe boldy. Täjigistanyň «Istiklol» topary öz meýdançasynda Yragyň «Al-Zawra» toparyny 2–1 hasabynda ýeňip, utugyny 6-a çykardy.

**Günbatar sebiti:** «A»: «Esteglal» — «Al-Wehdat»: 2–1, «Al-Muharrak» — «Al Wasl»: 0-1; «B»: «Al Ahli» — «Arkadag»: 2-2, «Andijon» — «Al-Haldiýa»: 0–0; «C»: «Ahal» — «Sepahan»: 0–1; «D»: «Istiklol» — «Al-Zawraa»: 2–1, «Goa» — «Al-Nassr»: 1–2.

* * *

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda hem 3-nji duşuşyklar tamamlandy. Günbatar sebitinde Saud Arabystanynyň «Al-Hilal» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al Sadd» toparyny Akçiçek, Kolibali hem-de Milinkowiç-Sawiçiň gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanan «Al-Hilal» topary 9 utugy bolan ýeke-täk klubdur. Soňky çempion «Al-Ahli» topary öz meýdançasynda Kataryň «Al-Garafa» toparyny 4–0 hasabynda ýeňip, oýunda Millo, Kessi (2) hem-de Abu Al-Şamat tapawutlandy. Saud Arabystanynyň beýleki bir topary «Al-Ittihad» hem ýeňiş gazanyp, jiddalylar myhmançylykda Yragyň «Al-Şorta» toparyny 4–1 hasabynda ýeňdi. Oýunda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Diabi, Fabinio hem-de Auar (2) geçirdi. Geçen möwsümde ilkinji çempionlygyny gazanan Eýranyň «Traktor» topary myhmançylykda BAE-niň «Şarjah» toparyny 5–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**Günbatar sebiti:** «Al-Wahda» — «Al-Duhail»: 3–1, «Şarjah» — «Traktor»: 0–5, «Al-Şorta» — «Al-Ittihad»: 1–4, «Al-Ahli» — «Al-Garafa»: 4–0, «Şabab Al Ahli» — «Nasaf»: 4–1, «Al-Hilal» — «Al Sadd»: 3–1

# Marokkonyň ýaşlar ýygyndysy Dünýä Kubogyny eýeledi

**FIFA-nyň Dünýä Kubogy ýaryşyndan soň iň esasy 2-nji ýaryşy hasaplanýan 20 ýaşa çenli futbolçylardan düzülen milli ýygyndylaryň çempionaty tamamlandy. Çilide geçirilen çempionat 24-nji gezek guraldy.**

24 sany U20 milli toparyň gatnaşan ýaryşynda Marokkonyň futbolçylary ýeňiş gazandy. Marokkoly ýaş futbolçylar finalda Argentinanyň U20 toparyndan üstün çykdy. Final duşuşygy paýtagt Santiago şäherindäki Hulo Martines Pradanosyň adyny göterýän stadionda oýnaldy. Çekeleşikli geçen oýunda Marokkonyň U20 ýygyndysy Ýassir Zabiriniň 12-nji we 29-njy minutlarda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Şeýlelikde, Marokkonyň U20 topary taryhynda ilkinji gezek bu ýaryşda ýeňiji boldy. Olar Gananyň U20 ýygyndysyndan soň FIFA-nyň bu bäsleşiginde çempionlyk gazanan 2-nji afrika topary hökmünde hasaba alyndy.




Baýrakly 3-nji ýer ugrundaky duşuşykda Kolumbiýanyň U20 ýygyndysy Fransiýanyň U20 toparyny Pereanyň 2-nji minutda salan goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Bu olaryň 2003-nji ýyldan soň gazanan 2-nji bürünç medalydyr.

Çempionatyň iň ökde oýunçysy diýlip marokkoly Otmane Maamma saýlandy. Amerikaly Benžamin Kremaşi 5 gol geçirip, iň netijeli oýunçy boldy.

1977-nji ýyldan bäri her 2 ýyldan 1 gezek guralýan bu ýaryşda Argentina 6, Braziliýa 5, Portugaliýadyr Serbiýa 2, Urugwaý, Gana, Ispaniýa, ozalky SSSR, Germaniýa, Angliýa, Fransiýa, Ukraina hem-de Marokko 1 gezek kubogy eýelediler.

# TENNIS TÄZELIKLERI

**Ýene-de 6 million amerikan dollarynyň hem-de altyn raketkanyň eýesi boldy**

Dünýäniň ýeňijisine iň köp pul baýragy berilýän tennis boýunça görkezme ýaryşynda ýene-de italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazandy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde 2-nji gezek geçirilen «Six Kings Slam» tennis ýaryşynyň finalynda Sinner bilen ispaniýaly Karlos Alkaras duşuşdy. Sinner bäsdeşini bu gezek 2 setde 6:2 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Geçen ýylky finalda Sinner 3 setde ýeňiş gazanypdy (6:7, 6:3, 6:3). Şeýlelikde, resmi bolmaýan bu ýaryşda Sinner 6 million amerikan dollary möçberinde pul baýragynyň eýesi boldy. Bu bolsa islendik «Uly tuwalga» tennis ýaryşynyň baýragyndan hem ýokary diýmekdir. Umumylykda 13,5 million amerikan dollaryna deň pul baýragy bolan ýaryşa gatnaşýan her tennisçä 1,5 million berilse, çempion 4,5 million amerikan dollary hem-de altyn raketka bilen sylaglanylýar. Bu ýylky ýaryşda çärýek finalda amerikaly Teýlor Frits germaniýaly Aleksander Zwerewi, Ýannik Sinner gresiýaly Stefanos Sisipasy ýeňdi. Ýarym finalda Sinner serbiýaly Nowak Jokowiçden, Alkaras bolsa Fritsden üstün çykdy.



Hytaýyň Ninbo şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «Açyk WTA 500» tennis ýaryşynda gazagystanly Ýelena Rybakina ýeňiji boldy. Ol finalda russiýaly Ýekaterina Aleksandrowany 1-nji setde utulandygyna garamazdan (3:6), 2-3-nji setlerde ýeňmegi başardy (6:0, 6:2). Bu onuň şu ýyldaky 2-nji, karýerasy boýunça-da 10-njy ýeňşidir.



Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Açyk WTA 250» tennis bäsleşiginiň finalynda kanadaly Leýla Fernandes bilen çehiýaly Tereza Walentowa duşuşdy. Duşuşykda Fernandes 2:1 (6:0, 5:7, 6:3) hasabynda ýeňiş gazanyp, karýerasyndaky 5-nji kubogyny asmana göterdi.

Gazagystanyň Almaty şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Açyk ATP 250» ýaryşynda russiýaly Daniil Medwedew ýeňiş gazandy. Ol finalda Koranten Muteden 2:1 (7:5, 4:6, 6:3) hasabynda üstün çykdy. 2023-nji ýyldan soň ilkinji kubogyny gazanan Medwedew ATP-niň ýaryşlarynda 21-nji gezek ýeňiji boldy. Mute bolsa karýerasyndaky 3-nji finalynda hem ýeňildi.



Belgiýanyň paýtagty Brýusselde Ýewropa «Açyk ATP 250» ady bilen geçirilen erkekleriň arasyndaky ýaryşda kanadaly Feliks Ože-Alýasim çempion boldy. Ol finalda çehiýaly Ýiri Leheçkany ilkinji ikisi taý-brekde kesgitlenen 3 setde ýeňmegiň hötdesinden geldi (7:6, 6:7, 6:2). Şunlukda, 25 ýaşyndaky Ože-Alýasim karýerasy boýunça 8-nji çempionlygyny baýram etdi.

Tennis boýunça erkekleriň arasynda Şwesiýanyň paýtagty Stokgolmda geçirilen «Açyk ATP 250» ýaryşynyň finalynda norwegiýaly Kasper Ruud fransiýaly Ugo Emberi 2 setde 6:2, 6:3 hasaplar bilen ýeňdi. Bu onuň ATP ýaryşlaryndaky 14-nji çempionlygydyr.




**24-nji oktýabr (anna)**

- Milan – Pisa (23:45)
- R. Sosiedad – Sewilýa (00:00)
- Lids – West Ham (00:00)

**25-nji oktýabr (şenbe)**

- Borussiýa M – Bawariýa (18:30)
- **Çelsi – Sanderland (19:00)**
- Brest – PSŽ (20:00)
- Walensiýa – Wilýarreal (20:15)
- **Napoli – Inter (21:00)**
- **M. Ýunaýted – Braýton (21:30)**
- Borussiýa D – Köln (21:30)
- Kremoneze – Atalanta (23:45)
- **Brentford – Liwerpul (00:00)**
- Lans – Marsel (00:05)

**26-njy oktýabr (ýekşenbe)**

- Twente – Aýaks (16:15)
- **Feýenoord – PSW (18:30)**
- **Arsenal – K. Palas (19:00)**
- **A. Willa – Man. Siti (19:00)**
- Sassuolo – Roma (19:00)
- **Galatasaraý – Göztepe (19:00)**
- Baýer – Fraýburg (19:30)
- **Zenit – Dinamo (19:30)**
- **Real Madrid – Barselona (20:15)**
- **Ewerton – Tottenham (21:30)**
- **Lasio – Ýuwentus (00:45)**

**27-nji oktýabr (duşenbe)**

- Betis – Atletiko (01:00)

# Werstappen aratapawudy azaldýar

Formula 1 boýunça möwsümiň 19-njy ýaryşy ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirildi. 56 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 1 sagat 34 minut 0,161 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň soňky 4 ýaryşda 3-nji, möwsümdäki 5-nji, karýerasy boýunça-da 68-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Ýaryşda 2-nji orny «McLaren» toparynyň britan piloty Lando Norris eýeläp, ol ýeňijiden 7,959 sekunt yza galdy. 3-nji orna «Ferrari» toparynyň monakoly piloty Şarl Lekler mynasyp boldy. 4-nji ýeri «Ferrari» toparynyň beýleki sürüjisi, britaniýaly Lýuwis Hamilton eýeläp, ol F1-de 5000 utukdan geçen ilkinji sürüji hökmünde taryha girdi. Bassyr 4 ýaryşdan bäri ýeňiş gazanyp bilmän gelýän «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi, sanawyň lideri Oskar Piastri 5-nji bolup, ýaryşy tamamlady.



Esasy ýaryşdan 1 gün öň geçirilen sprint bäsleşiginde Maks Werstappen ýeňiji bolup, ol goşmaça 8 utuk gazanmagy başardy.

Möwsümiň tamamlanmagyna 5 ýaryş galanda, çempionlyk göreşi täzeden alawlady. Werstappeniň yzly-yzyna gazanan ýeňişlerinden soň ol çempionlyk ýaryşyna goşulyp, lider bilen aratapawudy 40 utuga düşürdi. Häzirki wagtda Piastri 346 utuk bilen sanawyň başyny çekse, topardaşy Norrisiň 332 utugy bar. 3-nji ýerdäki Werstappen utugyny 306-a ýetirdi.

Möwsümiň 20-nji ýaryşy 26-njy oktýabrda Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitide geçiriler.

# 3 sürüji çempionlyk ugrunda ýiti göreşýär

Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 12-nji ýaryşy Merkezi Ýewropa Rallisinde «Toyota Gazoo» toparynyň fin sürüjisi Kalle Rowanpera ýeňiş gazandy. Ol Germaniýanyň Passau şäherinde başlap, Çehiýadan geçip, Awstriýanyň Palştaýn-im-Mülwirtel şäherçesinde tamamlanan ýaryşda 2 sagat 36 minut 20,1 sekuntda pellehana gelmegi başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji, umumylykda 18-nji ýeňşidir.



Ýaryşda Rowanperanyň topardaşy, britaniýaly Elfin Ewans ýeňijiden 43,7 sekunt giç pellehana gelip, 2-nji orny eýeledi. «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.

Geçirilen 12-nji ýaryşdan soň Dünýä Ralli çempionatynda-da çempionlyk ugrunda ýiti göreş dowam edýär. 3 sürüjiniň arasyndaky çempionlyk göreşinde Ewans 247 utuk bilen öňde barýar. 12-nji ýaryşdan soň «Toyota Gazoo» toparynyň fransuz sürüjisi Sebastian Ožie birinjiligi elden giderdi. Topardaşlar Ožie bilen Rowanpera 237 utuk toplap, 2–3-nji orunlary paýlaşýarlar. Möwsümiň 13-nji ýaryşy 6–9-njy noýabrda Ýaponiýada, iň soňky bäsleşigi bolsa 26–29-njy noýabrda Saud Arabystanynda geçiriler.

# «Mançester Ýunaýted» «Liwerpuly» 9,5 ýyldan soň ýeňdi

Angliýanyň çempionatynda soňky çempion «Liwerpul» APL-de 3, umumylykda 4 oýundan bäri ýeňlip gelýär. Öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýted» bilen duşuşan «Liwerpul» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda myhmanlar eýýäm 2-nji minutda, has takygy, 65-nji sekuntda Mbeumanyň goly bilen öňe saýlandy. 78-nji minutda Gakpo hasaby deňlese-de, 84-nji minutda Maguaýryň goly bilen «Mançester Ýunaýted» ýeňşini baýram etdi. «Mançester Ýunaýted» topary «Liwerpuly» soňky gezek 2016-njy ýylyň ýanwarynda ýeňipdi. «Mançester Ýunaýted» tälimçisi Ruben Amorimiň ýolbaşçylygynda ilkinji gezek yzly-yzyna 2 oýunda ýeňiş gazandy. Ol bu görkezijä 35 duşuşykda ýetmegi başardy. Sanawyň lideri «Arsenal» London derbisinde myhmançylykda «Fulhamdan» Trossaryň 58-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen üstün çykyp, ornuny saklamagy başardy. «Mançester Siti» topary öz meýdançasynda «Ewertony» Erling Holannyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Öz meýdançasynda «Çelsiden» 3–0 hasabynda asgyn gelen «Nottingam Forest» topary 39 gün öň bellenen tälimçisi Anj Postekogluny wezipesinden boşatdy. Ol APL-de iň çalt wezipesinden ugradylan 2-nji tälimçi boldy. Topar onuň tälimçiliginde geçiren 8 duşuşygynda ýeke gezek hem ýeňiş gazanyp görmedi. «Tottenham» Londonda öňe geçen duşuşygynda «Aston Willadan» 2-1 hasabynda ýeňildi. Geçen tapgyrda 19 oýundan soň ilkinji gezek utulan «Kristal Palas» topary öz meýdançasynda öňdäki orunlarda barýan «Bornmut» bilen 3–3 hasabynda deňme-deň oýnady. Oýunda ýer eýeleriniň 3 goluny-da geçiren Mateta 90+7-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, toparyny ýeňlişden halas etdi. Tälimçilige Grem Potteriň ornuna Nunu Eşpiritu Santuny wezipä bellän «West Ham» topary öz meýdançasynda «Brentforddan» 2–0 hasabynda asgyn geldi. «West Ham» topary taryhynda ilkinji gezek öz meýdançasynda oýnan başdaky 4 duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy. Ol şol 4 duşuşykda-da London şäheriniň beýleki toparlaryndan ýeňildi.









# Ronaldonyň 800-nji goly

Saud Arabystanynyň çempionatynda 5-nji tapgyrda «Al-Nassr» topary öz meýdançasynda «Al-Fateh» toparyny kabul etdi. Žoao Feliksiň 13-nji minutdaky goly bilen öňe geçen ýer eýeleri 54-nji minutda Bendebkanyň goluna çäre tapyp bilmedi. Oýnuň 59-njy minutynda super ýyldyz Kristiano Ronaldo eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi. Ýöne 1 minutdan soň jerime meýdançasynyň daşky burçundan şeýle bir owadan gol geçiren Ronaldo toparyny öňe saýlady. Bu onuň klublardaky 800-nji goly hökmünde hasaba alyndy. Duşuşygyň galan minutlarynda Žoao Feliks ýene 2 gol geçirip, «Al-Nassrdaky» 2-nji het-trigini etmegi başardy. Ýer eýeleriniň beýleki goluny bolsa 75-nji minutda Kingsli Koman öz adyna ýazdyrdy.




## PREMIER LEAGUE (8) — 27 gol

**N. Forest—Çelsi: 0–3** (Açimpong 49, Pedro Neto 52, Jeýms 84), **Börnli—Lids: 2–0** (Ugoçukwu 18, Çauna 68), **Braýton—Nýukasl: 2–1** (Welbek 41, 84 — Woltemade 76), **K. Palas—Bornmut: 3–3** (Mateta 64, 69, 90+7 p — Krupi 7, 38, Kristi 89), **Man. Siti—Ewerton: 2–0 (Holann 58, 63), Sanderland—Wulwerhempton: 2–0** (Mukiele 16, Kreýçi 90+3 ö.d.), **Fulham—Arsenal: 0–1** (Trossar 58), **Tottenham—A. Willa: 1–2** (Bentankur 5 — Rojers 37, Buendia 77), **Liwerpul—M. Ýunaýted: 1–2** (Gakpo 78 — Mbeumo 2, Maguaýr 84), **West Ham—Brentford: 0–2** (Tiago 43, Ýensen 90+5)

## LA LIGA (9) — 20 gol

**Owiedo—Espanýol: 0–2** (Kike Garsiýa 70, Milýa 82), **Sewilýa—Malýorka: 1–3** (Wargas 16 — Muriki 67, Josef 72, 77), **Barselona—Žirona: 2–1** (Pedri 13, Arauho 90+3 — Witsel 20), **Wilýarreal—Betis: 2–2** (Bükkenen 44, Moleýro 64 — Antoni 66, 90+4), **Atletiko—Osasuna: 1–0** (Almada 69), **Elçe—Atletik: 0–0, Selta—R. Sosiedad: 1–1** (Duran 20 — Soler 89), **Lewante—Raýo Wallekano: 0–3** (De Frutos 12, 25, Alwaro Garsiýa 65), **Hetafe—Real Madrid: 0–1** (Mbappe 80), **Alawes—Walensiýa: 0–0**

## SERIE A (7) — 11 gol

**Leçce—Sassuolo: 0–0, Pisa—Werona: 0–0, Torino—Napoli: 1–0** (Jowanni Simeone 32), **Roma—Inter: 0–1 (Bonni 6), Komo—Ýuwentus: 2-0** (Kempf 4, Niko Paz 79), **Jenoa—Parma: 0–0, Kaliari—Bolonýa: 0–2** (Holm 31, Orsolini 80), **Atalanta—Lasio: 0–0, Milan—Fiorentina: 2–1** (Rafael Leao 63, 86 p — Gosens 55), **Kremoneze—Udineze: 1–1** (Terraçano 4 – Zaniolo 51)

## BUNDESLIGA (7) — 33 gol

**Union Berlin—Borussiýa M: 3–1** (Duhi 3, 25, Hedira 81 — Tabakowiç 33), **Haýdenhaým—Werder: 2–2** (Şimmer 67, Forenbah 83 — Grüll 50, Stage 69), **Leipsig—Hamburg: 2–1** (Baumgartner 45, 50 — Sambi Lokona 48), **Maýns—Baýer: 3–4** (Li Je Son 34, Amiri 71 p, Zib 90 — Grimaldo 11 p, 45+3, Kofane 24, Terrie 87), **Köln—Augsburg: 1–1** (El Mala 76 — Rider 54 p), **Wolfsburg—Ştutgart: 0–3** (Tomaş 35, Mittelştadt 55, Ştiller 80), **Bawariýa—Borussiýa D: 2–1** (Keýn 22, Olise 79 — Brandt 84), **Fraýburg—Aýntraht: 2–2** (Şerhant 2, Grifo 87 — Burkardt 18, 38), **Sankt-Pauli—Hoffenhaým: 0–3** (Ture 54, Kramariç 59, Prömel 79)

## LIGUE 1 (8) — 40 gol

**PSŽ—Starsbur: 3–3** (Barkolýa 6, Ramuş 68 p, Maýulu 79 — Paniçelli 26, 49, Moreýra 41), **Nissa—Lion: 3–2** (Bar 5, Diop 35, Budaui 55 — Şuls 29, 90+6), **Anže—Monako: 1–1** (Şerif 86 — Balogan 72), **Marsel—Le Hawr: 6–2** (Grinwud 35 p, 67, 72, 76, Waž 88, Murilio 90+4 — Keşta 24, Ture 90+2), **Lans—Pariž: 2–1** (Eduar 17, Baýdu 64 — Les-Melu 28), **Tuluza—Mets: 4–0** (Magri 2, Dennum 8 p, Gboo 79, Kresswell 84), **Renn—Oser: 2–2** (Embolo 18, Fofana 56 — Louder 8, Sinaýoko 72 p), **Loriýan—Brest: 3–3** (Le Bris 2, Kuassi 55, Sumano 90 — Ebimbe 34, Makengo 44 ö.d., Del Kastilýo 86 p), **Nant—Lill: 0–2** (Haraldsson 8, Igaman 89)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 8 | 6 | 1 | 1 | 15-3 | 19 |
| 2 | MAN. SITI | 8 | 5 | 1 | 2 | 17-6 | 16 |
| 3 | BORNMUT | 8 | 4 | 3 | 1 | 14-11 | 15 |
| 4 | LIWERPUL | 8 | 5 | 0 | 3 | 14-11 | 15 |
| 5 | ÇELSI | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-9 | 14 |
| 6 | TOTTENHAM | 8 | 4 | 2 | 2 | 14-7 | 14 |
| 7 | SANDERLAND | 8 | 4 | 2 | 2 | 9-6 | 14 |
| 8 | KRISTAL PALAS | 8 | 3 | 4 | 1 | 12-8 | 13 |
| 9 | M. ÝUNAÝTED | 8 | 4 | 1 | 3 | 11-12 | 13 |
| 10 | BRAÝTON | 8 | 3 | 3 | 2 | 12-11 | 12 |
| 11 | ASTON WILLA | 8 | 3 | 3 | 2 | 8-8 | 12 |
| 12 | EWERTON | 8 | 3 | 2 | 3 | 9-9 | 11 |
| 13 | BRENTFORD | 8 | 3 | 1 | 4 | 11-12 | 10 |
| 14 | NÝUKASL | 8 | 2 | 3 | 3 | 7-7 | 9 |
| 15 | FULHAM | 8 | 2 | 2 | 4 | 8-12 | 8 |
| 16 | LIDS | 8 | 2 | 2 | 4 | 7-13 | 8 |
| 17 | BÖRNLI | 8 | 2 | 1 | 5 | 9-15 | 7 |
| 18 | N. FOREST | 8 | 1 | 2 | 5 | 5-15 | 5 |
| 19 | WEST HAM | 8 | 1 | 1 | 6 | 6-18 | 4 |
| 20 | W. HEMPTON | 8 | 0 | 2 | 6 | 5-16 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 11 |
| 2 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 6 |
| 3 | Igor TIAGO (Brentford) | 5 |
| 4 | Žan-Filipp MATETA (K. Palas) | 5 |
| 5 | Jeýdon ANTONI (Börnli) | 3 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 9 | 8 | 0 | 1 | 20-9 | 24 |
| 2 | BARSELONA | 9 | 7 | 1 | 1 | 24-10 | 22 |
| 3 | WILÝARREAL | 9 | 5 | 2 | 2 | 16-10 | 17 |
| 4 | ATLETIKO M | 9 | 4 | 4 | 1 | 16-10 | 16 |
| 5 | BETIS | 9 | 4 | 4 | 1 | 15-10 | 16 |
| 6 | ESPANÝOL | 9 | 4 | 3 | 2 | 13-11 | 15 |
| 7 | ELÇE | 9 | 3 | 5 | 1 | 11-9 | 14 |
| 8 | ATLETIK B | 9 | 4 | 2 | 3 | 9-9 | 14 |
| 9 | SEWILÝA | 9 | 4 | 1 | 4 | 16-14 | 13 |
| 10 | ALAWES | 9 | 3 | 3 | 3 | 9-8 | 12 |
| 11 | R. WALLEKANO | 9 | 3 | 2 | 4 | 11-10 | 11 |
| 12 | HETAFE | 9 | 3 | 2 | 4 | 9-12 | 11 |
| 13 | OSASUNA | 9 | 3 | 1 | 5 | 7-9 | 10 |
| 14 | WALENSIÝA | 9 | 2 | 3 | 4 | 10-14 | 9 |
| 15 | LEWANTE | 9 | 2 | 2 | 5 | 13-17 | 8 |
| 16 | MALÝORKA | 9 | 2 | 2 | 5 | 10-14 | 8 |
| 17 | SELTA | 9 | 0 | 7 | 2 | 8-11 | 7 |
| 18 | R. SOSIEDAD | 9 | 1 | 3 | 5 | 8-13 | 6 |
| 19 | OWIEDO | 9 | 2 | 0 | 7 | 4-16 | 6 |
| 20 | ŽIRONA | 9 | 1 | 3 | 5 | 6-19 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 10 |
| 2 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 6 |
| 3 | Winisius JUNIOR (Real Madrid) | 5 |
| 4 | Etta EÝONG (Lewante) | 5 |
| 5 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 5 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MILAN | 7 | 5 | 1 | 1 | 11-4 | 16 |
| 2 | INTER | 7 | 5 | 0 | 2 | 18-8 | 15 |
| 3 | NAPOLI | 7 | 5 | 0 | 2 | 12-7 | 15 |
| 4 | ROMA | 7 | 5 | 0 | 2 | 7-3 | 15 |
| 5 | BOLONÝA | 7 | 4 | 1 | 2 | 11-5 | 13 |
| 6 | KOMO | 7 | 3 | 3 | 1 | 9-5 | 12 |
| 7 | ÝUWENTUS | 7 | 3 | 3 | 1 | 9-7 | 12 |
| 8 | ATALANTA | 7 | 2 | 5 | 0 | 11-5 | 11 |
| 9 | KREMONEZE | 7 | 2 | 4 | 1 | 8-9 | 10 |
| 10 | SASSUOLO | 7 | 3 | 1 | 3 | 8-8 | 10 |
| 11 | UDINEZE | 7 | 2 | 3 | 2 | 7-10 | 9 |
| 12 | LASIO | 7 | 2 | 2 | 3 | 10-7 | 8 |
| 13 | KALIARI | 7 | 2 | 2 | 3 | 6-8 | 8 |
| 14 | TORINO | 7 | 2 | 2 | 3 | 6-13 | 8 |
| 15 | LEÇÇE | 7 | 1 | 3 | 3 | 5-10 | 6 |
| 16 | PARMA | 7 | 1 | 3 | 3 | 3-7 | 6 |
| 17 | WERONA | 7 | 0 | 4 | 3 | 2-9 | 4 |
| 18 | FIORENTINA | 7 | 0 | 3 | 4 | 5-10 | 3 |
| 19 | JENOA | 7 | 0 | 3 | 4 | 3-9 | 3 |
| 20 | PISA | 7 | 0 | 3 | 4 | 3-10 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Rikkardo ORSOLINI (Bolonýa) | 5 |
| 2 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 4 |
| 3 | Niko PAS (Komo) | 4 |
| 4 | Kewin DE BRUÝNE (Napoli) | 3 |
| 5 | Markus TURAM (Inter) | 3 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 7 | 7 | 0 | 0 | 27-4 | 21 |
| 2 | LEIPSIG | 7 | 5 | 1 | 1 | 10-9 | 16 |
| 3 | ŞTUTGART | 7 | 5 | 0 | 2 | 11-6 | 15 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 7 | 4 | 2 | 1 | 13-6 | 14 |
| 5 | BAÝER | 7 | 4 | 2 | 1 | 16-11 | 14 |
| 6 | KÖLN | 7 | 3 | 2 | 2 | 12-10 | 11 |
| 7 | AÝNTRAHT | 7 | 3 | 1 | 3 | 19-18 | 10 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 7 | 3 | 1 | 3 | 12-12 | 10 |
| 9 | UNION BERLIN | 7 | 3 | 1 | 3 | 11-14 | 10 |
| 10 | FRAÝBURG | 7 | 2 | 3 | 2 | 11-11 | 9 |
| 11 | HAMBURG | 7 | 2 | 2 | 3 | 7-10 | 8 |
| 12 | WERDER | 7 | 2 | 2 | 3 | 11-16 | 8 |
| 13 | AUGSBURG | 7 | 2 | 1 | 4 | 12-14 | 7 |
| 14 | SANKT-PAULI | 7 | 2 | 1 | 4 | 8-12 | 7 |
| 15 | WOLFSBURG | 7 | 1 | 2 | 4 | 8-13 | 5 |
| 16 | MAÝNS | 7 | 1 | 1 | 5 | 8-14 | 4 |
| 17 | HAÝDENHAÝM | 7 | 1 | 1 | 5 | 6-13 | 4 |
| 18 | BORUSSIÝA M | 7 | 0 | 3 | 4 | 6-15 | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 12 |
| 2 | Jan UZUN (Aýntraht) | 5 |
| 3 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 5 |
| 4 | Fisnik ASSLANI (Hoffenhaým) | 4 |
| 5 | Ilias ANSA (Union Berlin) | 4 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MARSEL | 8 | 6 | 0 | 2 | 21-7 | 18 |
| 2 | PSŽ | 8 | 5 | 2 | 1 | 16-8 | 17 |
| 3 | STRASBUR | 8 | 5 | 1 | 2 | 17-10 | 16 |
| 4 | LANS | 8 | 5 | 1 | 2 | 12-7 | 16 |
| 5 | LION | 8 | 5 | 0 | 3 | 11-8 | 15 |
| 6 | LILL | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-10 | 14 |
| 7 | MONAKO | 8 | 4 | 2 | 2 | 17-13 | 14 |
| 8 | TULUZA | 8 | 4 | 1 | 3 | 15-12 | 13 |
| 9 | RENN | 8 | 2 | 5 | 1 | 11-12 | 11 |
| 10 | NISSA | 8 | 3 | 2 | 3 | 12-14 | 11 |
| 11 | PARIŽ | 8 | 3 | 1 | 4 | 13-15 | 10 |
| 12 | BREST | 8 | 2 | 3 | 3 | 14-14 | 9 |
| 13 | LORIÝAN | 8 | 2 | 2 | 4 | 12-19 | 8 |
| 14 | OSER | 8 | 2 | 1 | 5 | 7-12 | 7 |
| 15 | NANT | 8 | 1 | 3 | 4 | 5-9 | 6 |
| 16 | LE HAWR | 8 | 1 | 3 | 4 | 10-16 | 6 |
| 17 | ANŽE | 8 | 1 | 3 | 4 | 4-12 | 6 |
| 18 | METS | 8 | 0 | 2 | 6 | 5-20 | 2 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Hoakin PANIÇELLI (Strasbur) | 7 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 5 |
| 3 | Ansu FATI (Monako) | 4 |
| 4 | Ilan KEBBAL (Pariž) | 4 |
| 5 | Esteban LEPOL (Renn) | 3 |

# «Milan» hem-de «Marsel» 1-nji orna geçdi

**Italiýanyň çempionatynda** 7-nji tapgyryň geçirilen 9 duşuşygynyň 4-sinde hasap açylmady. Gol geçirilen beýleki oýunlarda-da o diýen köp pökgi derweze girizilmedi. Çempion «Napoli» myhmançylykda «Torinodan» 1–0 hasabynda utuldy. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 32-nji minutda tomusda «Napoliden» kärendesine geçen Jowanni Simeone öz adyna ýazdyrdy. Tapgyryň merkezi duşuşygynda «Inter» Rimde «Romany» Bonniniň 6-njy minutda geçiren goly bilen 1–0 hasabynda utdy. «Ýuwentus» myhmançylykda «Komo» bilen duşuşyp, 2–0 hasabynda asgyn geldi hem-de ýeňlişsiz ýörişini tamamlady. «Komonyň» gollaryny Kempf bilen 1-nji goluň asistini eden Niko Paz derweze girizdi. «Milan» bolsa öz meýdançasynda «Fiorentina» bilen duşuşyp, myhmanlaryň Gosensiň goly esasynda öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Milany» 1-nji orna çykaran gollaryň 2-sini hem 63-nji we 68-nji minutlarda (p) Rafael Leao öz adyna ýazdyrdy. Çempionatda öz meýdançasynda «Lasio» bilen golsuz deňme-deň oýnan «Atalanta» 7-nji tapgyrda-da ýeňilmedi. Bu olaryň 5-nji deňme-deňligidir.




**Ispaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Real Madrid» derbide «Hetafeni» Kilian Mbappeniň 80-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi. Umumylykda 11 oýundan bäri gol geçirip gelýän Mbappe çempionatda 9 duşuşykda 10 gol geçirdi. Ol «La Ligada» Kristiano Ronaldodan (9 oýunda 17 gol) soň 9 oýunda 10 gola ýeten 2-nji futbolçy boldy. «Barselona» topary öz meýdançasynda «Žironany» 90-njy minutdan soň geçiren goly esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. «Barselona» toparyna ýeňiş getiren gollary Pedri (13) bilen Arauho (90+3) öz atlaryna ýazdyrdylar. «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Osasunadan» Almadanyň 69-njy minutda geçiren goly bilen 1–0 hasabynda üstün çykdy. «La Liganyň» ýeňişsiz ýeke-täk topary «Selta» 9-njy tapgyrda 7-nji gezek deňme-deň oýnady. Olaryň ählisi-de 1–1 hasabynda tamamlandy.

**Germaniýanyň çempionatynda** «Der Klassiker» duşuşygynda «Bawariýa» öz meýdançasynda «Borussiýa Dortmundy» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Keýn bilen Olise geçirdi. Dortmundlylardan Brandtyň geçiren goly ýeňşe ýetmedi. «Borussiýa Dortmund» çempionatda şu möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar boldy. 7 goluň geçirilen oýnunda «Baýer» myhmançylykda «Maýnsy» 4–3 hasabynda utdy. Oýunda lewerkuzenlileriň gollarynyň 2-sini Grimaldo öz adyna ýazdyrdy. «Hamburgy» Baumgartneriň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Leipsig» 2-nji orna beýgeldi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ öz meýdançasynda «Strasbur» bilen duşuşdy. Parižliler garşydaşynyň 3–1 hasabynda öňe geçendigine garamazdan, oýnuň soňky çärýeginde 2 gol geçirip, ýeňlişden halas boldy. Öz meýdançasynda «Le Hawr» toparyny 6–2 hasabynda ýeňen «Marsel» sanawda 1-nji orna çykdy. «Marseliň» gollarynyň 4-sini Meýson Grinwud öz adyna ýazdyrdy. «Ligue 1»-de 8-nji tapgyrda 40 gol derweze girizildi.





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Iň köp gol geçirilen tapgyr









**UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji duşuşyklar geçirilip, jemi 71 gol derwezä girizildi. Sişenbe güni geçirilen 9 oýunda 43 gol hasaba alyndy. Bu 2 görkeziji hem rekorda deň boldy. Eminler 7 futbolça gyzyl kart görkezdi. 3 oýunda hasap açylmady we 10 duşuşykda ýer eýeleri, 5 oýunda-da myhmanlar ýeňşini baýram etdi. Iňlis klublary 3-nji duşuşyklary ýeňlişsiz tamamlap, olaryň 5-si ýeňiş gazanmagy başardy. Italýan toparlarynyň diňe biri ýeňiş gazansa, ispanlarda bu görkeziji 3-e deň boldy. Germaniýanyň adyndan wekilçilik edýän klublaryň 2-si ýeňiş gazanyp, 2-si uly hasaplar bilen asgyn geldi. Soňky çempion PSŽ bilen bir hatarda, «Bawariýa», «Inter», «Arsenal» hem-de «Real Madrid» klublary 3-nji duşuşyklarynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. «Inter» bilen «Arsenal» bu oýunda hem derwezelerini goldan goramagyň hötdesinden geldi. 12 klub 3-nji duşuşyklarda hem ýeňiş gazanyp bilmedi. Ýaryşda ozal çempionlyk gazanan «Benfika» bilen «Aýaks» klublaryna bu tapgyrda hem utuk gazanmak başartmady.**

### Çempion 7 gol geçirdi

● Mundan öňki tapgyrda PSŽ-den asgyn gelen «Barselona» öz meýdançasynda «Olimpiakosa» gol baryny ýagdyrdy. 6–1 hasabynda ýeňiş gazanan katalonlaryň gollarynyň 3-sini Fermin Lopes (7, 39, 76), 2-sini Markus Reşford (74, 79) beýlekisini-de Lamin Ýamal (68 p) geçirdi. Grek klubunyň ýeke-täk goluny 54-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan El-Kaabi derweză girizdi. Ol şol goldan 2 minut öň hem tapawutlanypdy, ýöne gol hasaba alynman, 11 metrlik jerime urgusyny bellendi. Duşuşykda «Olimpiakos» toparynyň ýarymgoragçysy Santiago Hezze 57-nji minutda gyzyl kart aldy.

Başga bir 6 golly ýeňiş gazanan topar Niderlandlaryň çempiony PSW kluby boldy. PSW topary Eýndhowende Italiýanyň çempiony «Napolini» 6–2 hasabynda utdy. Duşuşykda niderland toparynyň gollaryny Bonžurno (35 ö.d.), Saibari (38), Dennis Man (54, 80), Pepi (87)hem-de Driueç (89) geçirdi. Oýunda ilkinji bolup hasaby açan italýan klubunyň 2 goluny hem Skot MakTomineý (31, 86) öz adyna ýazdyrdy. Tälimçilik karýerasy boýunça ilkinji gezek 6 gol geçirden Antonio Konteniň şägirtlerinden Lukka 76-njy minutda gyzyl kart aldy. «Napoli» topary Ýewropada ilkinji gezek, «Serie A»-da bolsa 1997-nji ýyldan soň bir oýunda 6 gol geçirtdi.




Londonda «Arsenal» topary Madridiň «Atletikosy» bilen duşuşyp, garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. 1-nji ýarymy golsuz geçen oýunda iňlis topary 4 goly 13 minutyň dowamynda geçirip, olary Gabriel, Martinelli hem-de Gýokereş (2) öz atlaryna ýazdyrdylar. Edil şu hasap bilen «Inter» hem myhmançylykda Belgiýanyň çempiony «Ýunion Sent-Žilluaz» toparyndan üstün çykdy. 1-nji duşuşygynda ýeňiş gazanyp, şowly başlan, ýöne soňlugy bilen utulyp gelýän «Ýunion Sent-Žilluazyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Dumfris, Lautara Martines, Hakan Çalhanoglu hem-de Esposito geçirdi.

Soňky çempion PSŽ myhmançylykda Lewerkuzeniň «Baýer» toparyny taryhy hasap bilen, 7–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Paçonyň goly bilen başlanan gol geçirilişik 90-njy minutda Witinýa bilen tamamlandy. Parižlilere uly hasaply ýeňiş getiren gollary Paço, Due (2), Kwarasheliýa, Mendeş, Dembele hem-de Witinýa geçirdi. 31-nji minutdan soň meýdançada bir oýunçy kem bolup galan «Baýeriň» gollarynyň 2-sini hem Aleks Garsiýa derweză girizdi. Duşuşygyň 25-nji minutynda Grimaldo 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi.

### Holann Ronaldonyň rekordyny gaýtalady

● «Mançester Siti» toparyna myhmançylykda «Wilýarrealden» üstün çykmak kyn düşmedi. 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan iňlis toparynyň gollaryny Erling Holann bilen Bernardo Silwa geçirdi. Norwegiýaly hüjümçi Holann ähli ýaryşlary hasaba alanyňda yzly-yzyna 12 oýunda tapawutlanyp, bu ugurda Kristiano Ronaldonyň rekordyna şärik boldy. Dortmundyň «Borussiýasy» myhmançylykda «Kopengageni» 4–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda nemes klubunyň gollarynyň 2-sini Nmeça öz adyna ýazdyrdy.

### 3 oýunda hasap açylmady

● Ýaryşyň 2 debýutanty «Kairat» bilen «Pafosyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. 4-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Pafos» toparynda Korreia gyzyl kart aldy. «Monako» bilen «Tottenhamyň» hem-de «Atalanta» bilen «Slawiýa Praganyň» arasyndaky oýunlarda hem gol sesi eşidilmedi.

Türkiýäniň «Galatasaraý» topary öz meýdançasynda Norwegiýanyň «Bude-Glimt» toparyny 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 2012-nji ýyldan soň bu ýaryşda ilkinji gezek 2 oýunda yzly-yzyna ýeňiş gazanan «Galatasaraý» toparynyň gollaryny Wiktor Osimhen (2) bilen Ýunus Akgün geçirdi. Şu netije Bilbaoda hem hasaba alnyp, ýerli «Atletik» topary ilkinji 2 oýunda ýeňiş gazanan Azerbaýjanyň «Garabag» toparyndan üstün çykdy. Andradeniň goly bilen entek 1-nji minut dolmanka öňe geçen bakulylaryň derwezesinden ýeňiş pökgülerini Guruzeta (2) bilen Nawarro girizdi.

Ispaniýanyň «Real Madrid» topary «El Klasikonyň» öňüsyrasynda Italiýanyň «Ýuwentus» toparyny kabul etdi. Ýer eýeleriniň erjel oýun görkezen duşuşygynda «Real» 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Madridlilere ýeňiş getiren ýeke-täk goly 57-nji minutda Jud Bellingam öz adyna ýazdyrdy.









| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 3 | 3 | 0 | 0 | 13–3 | 9 |
| 2 | Bawariýa | 3 | 3 | 0 | 0 | 12–2 | 9 |
| 3 | Inter | 3 | 3 | 0 | 0 | 9–0 | 9 |
| 4 | Arsenal | 3 | 3 | 0 | 0 | 8–0 | 9 |
| 5 | Real Madrid | 3 | 3 | 0 | 0 | 8–1 | 9 |
| 6 | Borussiýa Dortmund | 3 | 2 | 1 | 0 | 12–7 | 7 |
| 7 | Mançester Siti | 3 | 2 | 1 | 0 | 6–2 | 7 |
| 8 | Nýukasl | 3 | 2 | 0 | 1 | 8–2 | 6 |
| 9 | Barselona | 3 | 2 | 0 | 1 | 9–4 | 6 |
| 10 | Liwerpul | 3 | 2 | 0 | 1 | 8–4 | 6 |
| 11 | Çelsi | 3 | 2 | 0 | 1 | 7–4 | 6 |
| 12 | Sporting | 3 | 2 | 0 | 1 | 7–4 | 6 |
| 13 | Garabag | 3 | 2 | 0 | 1 | 6–5 | 6 |
| 14 | Galatasaraý | 3 | 2 | 0 | 1 | 5–6 | 6 |
| 15 | Tottenham | 3 | 1 | 2 | 0 | 3–2 | 5 |
| 16 | PSW | 3 | 1 | 1 | 1 | 8–6 | 4 |
| 17 | Atalanta | 3 | 1 | 1 | 1 | 2–5 | 4 |
| 18 | Marsel | 3 | 1 | 0 | 2 | 6–4 | 3 |
| 19 | Atletiko Madrid | 3 | 1 | 0 | 2 | 7–8 | 3 |
| 20 | Klub Brýugge | 3 | 1 | 0 | 2 | 5–7 | 3 |
| 21 | Atletik Bilbao | 3 | 1 | 0 | 2 | 4–7 | 3 |
| 22 | Aýntraht | 3 | 1 | 0 | 2 | 7–11 | 3 |
| 23 | Napoli | 3 | 1 | 0 | 2 | 4–9 | 3 |
| 24 | Ýunion Sent-Žilluaz | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–9 | 3 |
| 25 | Ýuwentus | 3 | 0 | 2 | 1 | 6–7 | 2 |
| 26 | Bude-Glimt | 3 | 0 | 2 | 1 | 5–7 | 2 |
| 27 | Monako | 3 | 0 | 2 | 1 | 3–6 | 2 |
| 28 | Slawiýa Praga | 3 | 0 | 2 | 1 | 2–5 | 2 |
| 29 | Pafos | 3 | 0 | 2 | 1 | 1–5 | 2 |
| 30 | Baýer | 3 | 0 | 2 | 1 | 5–10 | 2 |
| 31 | Wilýarreal | 3 | 0 | 1 | 2 | 2–5 | 1 |
| 32 | Kopengagen | 3 | 0 | 1 | 2 | 4–8 | 1 |
| 33 | Olimpiakos | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–8 | 1 |
| 34 | Kairat | 3 | 0 | 1 | 2 | 1–9 | 1 |
| 35 | Benfika | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–7 | 0 |
| 36 | Aýaks | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–11 | 0 |

3-nji duşuşyklaryň netijeleri:

**BARSELONA — OLIMPIAKOS: 6–1**
*/Fermin Lopez 7, 39, 76, Ýamal 68 p, Reşford 74, 79 — El Kaabi 54 p/*

**KAIRAT — PAFOS: 0–0**

**ARSENAL — ATLETIKO MADRID: 4–0**
*/Gabriel 57, Martinelli 64, Gýokereş 67, 70/*

**BAÝER — PSŽ: 2–7**
*/Garsiýa 38 p, 54 — Paço 7, Due 41, 45+3, Kwarasheliýa 44, Mendeş 50, Dembele 66, Witinýa 90/*

**KOPENGAGEN — BORUSSIÝA D: 2–4**
*/Anton 33 ö.d., Dagason 90 — Nmeça 20, 76, Bensebaini 61 p, Silwa 87/*

**NÝUKASL — BENFIKA: 3–0**
*/Gordon 32, Barns 70, 83/*

**PSW — NAPOLI: 6–2**
*/Buonžorno 35 ö.d., Saibari 38, Man 54, 80, Pepi 87, Drioş 89 — MakTomineý 31, 86/*

**ÝUNION SENT-ŽILLUAZ — INTER: 0–4**
*/Dumfris 41, L. Martines 45+1, Çalhanoglu 53 p, Esposito 76/*

**WILÝARREAL — MANÇESTER SITI: 0–2**
*/Holann 17, Bernardo Silwa 40/*

**ATLETIK BILBAO — GARABAG: 3–1**
*/Guruzeta 40, 88, Nawarro 70 – Andrade 1/*

**GALATASARAÝ — BUDE-GLIMT: 3–1**
*/Osimhen 3, 33, Akgün 60 — Helmersen 75/*

**MONAKO — TOTTENHAM: 0–0**

**ATALANTA — SLAWIÝA PRAGA: 0–0**

**ÇELSI — AÝAKS: 5–1**
*/Giu 18, Şutalo 27, Fernandes 45 p, Estewao 45+6 p, Jorj 48 — Weghorst 33 p/*

**AÝNTRAHT — LIWERPUL: 1–5**
*/Kristensen 26 — Ekitike 35, Wan Deýk 39, Konate 44, Gakpo 66, Soboslai 70/*

**BAWARIÝA — KLUB BRÝUGGE: 4–0**
*/Karl 5, Keýn 14, Diaz 34, Jekson 79/*

**REAL MADRID — ÝUWENTUS: 1–0**
*/Bellingam 57/*

**SPORTING — MARSEL: 2–1**
*/Katamo 69, Alisson 86 – Paişao 14/*

### Keýn Ronaldonyň rekordyny täzeledi

● Münhen şäherinde «Bawariýa» topary Belgiýanyň «Klub Brýugge» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Gollary 5-nji minutda Lennar Karl, 14-nji minutda Harri Keýn, 34-nji minutda Luiz Diaz hem-de 79-njy minutda Nikolas Jekson geçirdi. 17 ýaşyndaky Lennart Karl «Bawariýanyň» bu ýaryşda gol geçiren iň ýaş futbolçysy boldy. Şu möwsümde ähli ýaryşlarda ýeke utuk hem ýitirmän basyr 12-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanan «Bawariýanyň» iňlis hüjümçisi Harri Keýniň gollarynyň sany 20-ä ýetdi. Ol ilkinji 12 oýunda 20 gol geçirip, bu ugurda Ronaldonyň rekordyny täzeledi. Ronaldo möwsümiň başynda 13, Messi 17 oýunda klublarynda 20 gol geçiripdi.

### «Liwerpul» 4 ýeňlişden soň ýeňiş gazandy

● Angliýanyň çempiony «Liwerpul» topary umumylykda 4 ýeňlişden soň ahyry özüni dürsedi. Frankfurtda «Aýntraht» bilen duşuşan «Liwerpul» 26-njy minutda Kristenseniň goluny saklap bilmedi. Ýöne 35-nji minutda Ekitike öňki klubunyň torundan gol geçirip, hasaby deňlese, 1-nji ýarym tamamlanmanka, «liwerpully» futbolçylar ýene-de 2 goly derweză gönükdirdiler. 2-nji ýarymda-da 2 gol salan «Liwerpulyň» gollaryny Ekitike, Wan Deýk, Konate, Gakpo hem-de Soboslai öz atlaryna ýazdyrdylar.

Başga bir iňlis kluby «Çelsi» hem öz meýdançasynda «Aýaks» toparyndan 5–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda germaniýaly emin Feliks Zwaýer 1-nji ýarymda 3 gezek 11 metrlik jerime urgusyny belläp, 15-nji minutda «Aýaksdan» ýarymgoragçy Teýlora gyzyl kart görkezdi. Londonlylaryň doly artykmaçlygynda geçen oýunda «Çelsiniň» gollaryny Giu (18), Şutalo (27 ö.d.), Enzo Fernandes (45 p), Estewao (45+6 p) hem-de Jorj (48) geçirdi. Bu ýaryşyň çäginde ilkinji gezek bir oýunda bir toparyň düzüminde 3 ýaş futbolçy (Giu – 19, Estawao – 18, Jorj – 19) tapawutlandy.



Portugaliýada «Sporting» topary öz meýdançasynda «Marsel» toparyny fransuz klubunyň öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda ýeňmegi başardy. 14-nji minutda Igor Paişaonyň goly bilen saýlanan «Marsel» toparynda 45-nji minutda italiýaly çep goragçy Emerson gyzyl kart aldy. 2-nji ýarymda has başgaça oýnan ýer eýeleri Katamonyň hem-de Alissonyň gollary bilen 2-nji ýeňşini gazandy.

## 1500 töweregi ilatly şäherçäniň kluby çempionlyk gazandy

Şwesiýanyň çempionaty «Allsvenskan»-da möwsümiň tamamlanmagyna 3 tapgyr galanda çempion belli boldy. 1500 töweregi ilaty bolan Hallewik şäherçesiniň «Mýalbýu» topary taryhyndaky ilkinji çempionlygyny baýram etdi. 27-nji tapgyrda myhmançylykda «Gýoteborg» toparyny Ýakob Bergströmiň (21) hem-de Tom Petterssonyň (28) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Mýalbýu» utugyny 66-a çykaryp, 2-nji ýerdäki «Hammarbýudan» 11 utuk öňe saýlandy. Şeýlelikde, «Mýalbýu» topary taryhynda ilkinji gezek Şwesiýanyň çempiony bolup, olar geljek möwsümde 2-nji saýlama tapgyryndan başlap, UEFA Çempionlar Ligasyna gatnaşar.



1939-njy ýylyň 1-nji aprelinde esaslandyrylan klub 2019-njy ýylda ýokary liga çykypdy. 9 ýyl ozal klub 4-nji ligada galmak üçin göreşýärdi. Topara häzirki wagtda Anders Torstensson tälimçilik edýär. Ol futboldan daşgary orta mekdepleriň birinde ýolbaşçylyk hem edýär.

«Mýalbýu» topary 101 ýyllyk çempionatda çempionlyk gazanan 17-nji topar hökmünde hasaba alyndy.

Çempionatda iň köp çempionlyk gazanan klub «Malmö» bolup, olar 27 gezek ýaryşy iň çür depede tamamlamagy başardy. «Gýoteborg» hem-de «Norrkoping» toparlarynyň 13, «Ýurgorden» toparynyň 8, «Helsinborgyň» 7, AIK we «Elfsborg» klublarynyň-da 6 çempionlygy bar.

## Ýylyň iň köp gazanan futbolçylary

«Al-Nassr» toparynyň portugaliýaly super ýyldyzy Kristiano Ronaldo 2025-nji ýylyň iň köp gazanan futbolçysy boldy. Ol 2025-nji ýylda 280 million amerikan dollary möçberinde girdeji gazandy. Onuň girdejisiniň 230 milliony «Al-Nassr» toparyndan alýan aýlyk haklary bolsa, galan 50 milliony mahabat we beýleki gazanç çeşmelerinden ybaratdyr. «Inter Maýami» toparynyň argentinaly super ýyldyzy Lionel Messi sanawda 2-nji ýeri eýeleýär. Ol Ronaldodan ep-esli az girdeji gazandy. Messiniň 2025-nji ýyl üçin gazanjy 130 million amerikan dollaryna deň bolup, onuň 60 milliony klubunyň töleýän aýlyk hakydyr.




Sanawda 3-nji orundaky futbolçy-da Ýewropa klublarynda çykyş etmeýän oýunçy bolup, Saud Arabystanynyň «Al-Ittihad» toparyndan Karim Benzemanyň ady bar. Fransiýaly hüjümçi 104 million amerikan dollary möçberinde gazanç etdi (100+4). «Real Madridiň» fransuz ýyldyzy Kilian Mbappeniň (90; 70+20) 4-nji bolan sanawynda «Mançester Sitiniň» norwegiýaly hüjümçisi Erling Holann 80 (60+20) million amerikan dollary möçberinde gazanç edip, 5-nji, «Real Madridiň» braziliýaly ýyldyzy Winisius Junior bolsa, 60 million (40+20) bilen 6-njy ýerde barýar. «Liwerpulyň» müsürli ýyldyzy Mohammed Salah 7-nji (55; 35+20), «Al-Nassryň» senegally oýunçysy Sadio Mane 8-nji (54; 50+4), «Real Madridiň» iňlis ýarymgoragçysy Jud Bellingam 9-njy (44; 29+15) hem-de «Barselonanyň» ýaş ýyldyzy Lamin Ýamal 10-njy (43; 33+10) orny eýeleýär.

## NBA-nyň 80-nji möwsümine badalga berildi

Dünýädäki iň esasy basketbol ýaryşy bolan Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-nyň täze, 80-nji möwsümine badalga berildi. Adatça bolşy ýaly, 30 toparyň bäsleşýän ligasynda her Konferensiýada 15 klub çykyş edýär. Adaty möwsüm geljek ýylyň aprel aýynyň 12-sine çenli dowam edip, ähli klub 82 duşuşyk geçirer.




31-nji oktýabr – 16-njy dekabr aralygynda soňky 2 ýyldan bäri geçirilip gelinýän NBA Kubogy duşuşyklary hem oýnalar. Olar adaty möwsümiň çägindäki duşuşyklar esasynda bolup, final duşuşygy goşmaça oýun bolar. Täze möwsümiň ilkinji duşuşyklarynda çempionlygyň dalaşgärlerinden «Los Anjeles Leýkers» topary öz meýdançasynda «Golden Steýt Warriors» toparyndan 119:109, şeýle-de häzirki çempion «Oklahoma Siti Tander» öz meýdançasynda «Hýuston Roketsi» 125:124 hasaplar bilen ýeňdi.

Soň ýyllarda ýoň bolup başlan käbir duşuşyklary başga ýyklymlarda geçirmeklik bu möwsümde-de bolar. Şu möwsümde 3 duşuşyk ABŞ-da we Kanadada geçirilmez. «Detroit Pistons» – «Dallas Maweriks» duşuşygy 1-nji noýabrda Mehiko Sitide, «Memfis Grizzlis» – «Orlando Mäjik» duşuşygy 15-nji ýanwarda Berlinde, «Orlando Mäjik» – «Memfis Grizzlis» duşuşygy-da 18-nji ýanwarda Londonda geçiriler.

NBA 1947-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýär we «Boston Seltiks» topary iň köp çempionlyk gazanan topardyr. Olaryň 18 çempionlygy bolup, 2-nji ýerdäki «Los Anjeles Leýkers» klubunyň 17 çempionlygy bar. «Golden Steýt Warriors» 7, «Çikago Bulls» 6 çempionlyk gazandy.

*Dünýäniň täsin stadionlary*

## Söwda merkeziniň üçegindäki stadion

Ýerleşýän ýeri boýunça täsin stadionlaryň biri «Woždowas» stadionydyr. Serbiýanyň paýtagty Belgradda ýerleşýän bu stadion «Woždowas» futbol klubuna degişlidir. Bu klub häzirki wagtda Serbiýanyň 2-nji ligasynda çykyş edýär. Stadionyň esasy aýratynlygy, onuň şäherdäki iri söwda merkezleriniň biriniň üstünde, ýagny üçeginde ýerleşmegidir. Stadion dünýäde üçekde ýerleşýän stadionlaryň arasynda öňe saýlanýanlaryň biri hökmünde görülýär. Şäheriň 17 sebitiniň biri bolan Woždowasyň Zaplanska köçesinde ýerleşýän stadionyň gurluşygyna 2011-nji ýylda badalga berlip, 2013-nji ýylyň awgustynda açylýar. Halk arasynda «Söwda merkezi stadiony» hem diýilýän stadion 5200 orunlyk bolup, ol UEFA-nyň standartlaryna doly laýyk gelýär. Başgaça aýdylanda, bu stadionda UEFA Çempionlar Ligasynyň ýa-da Ýewropa Ligasynyň duşuşyklaryny geçirip bolýar. Stadionyň tutýan meýdany 74 müň 600 inedördül metre deň bolup, gurluşygy üçin 22 million ýewro möçberinde çykdajy edilýär. Stadion ýerden 24 metr beýiklikde ýerleşýär. Stadionyň ýaşyl meýdançasy hakyky ota golaý emeli, plastiki ot bilen örtülendir. Gündelik durmuşda halk stadionyň aşagyndaky söwda merkezine gelip, öz gerekli zatlaryny alyp gidýär. Bu ýagdaý duşuşyklaryň geçirilýän mahalynda hem dowam edýär.











«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2026-njy ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär. Abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!